TASLAMALAÝYN RESMINAMA

[Türkmenistan]

Taslamanyň ady: «Eksport import amallary üçin Bir penjire»

Taslamanyň belgisi:

Amala aşyrmak boýunça hyzmatdaş: Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy

Jogapkär tarap: BMG-nyň Söwda we ösüş boýunça Konferensiýasy

Başlanýan senesi: 01.01.2021 ý. **Tamamlanýan senesi:** 31.12.2023 ý.

Taslamalary bahalandyrmak boýunça komitetiň ýygnagynyň senesi:

Taslamanyň gysga beýany

Şu taslamanyň maksady edara özara iş gatnaşyklaryny ýeňilleşdirmek we sazlaşdyrmak arkaly «Bir penjire» ulgamynyň netijeli girizilmegini üpjün etmek, Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy (TDGG) bilen import we eksport amala aşyrylanda gözegçilige gatnaşýan döwlet gözegçilik edaralarynyň (DGE) arasyndaky özara işi berkitmek, ygtyýarnamalaryň, güwänamalaryň we rugsatnamalaryň (YGRR) integrirlenen monitoringini we gözegçiligini ýola goýmak, gümrük taýdan resmileşdirme işleri amala aşyrylanda pudagara töwekgelçiligi dolandyrylyşy girizmek, Türkmenistanyň dünäýädki, sebitleýin ykdysady integrasiýasyndaky we halkara söwdasyndaky mümkinçiliklerini berkitmek bolup durýar.

Şu taslamanyň çäklerinde BMGÖM we ÝUNKTAD TDGG we DGE degişli tehniki ýardamy hem-de ykdysadyýetiň ileri tutulýan ugurlarynda elektron YGRR ornaşdyrmak boýunça hem-de «Bir penjire» we mümkinçilikleri ösdürmek konsepsiýasyny ulanmak bilen gümrük resmileşdirmesini mundan beýläk hem awtomatlaşdyrmak we döwrebaplaşdyrmak boýunça ýardamy berýär.

BMG-TM DÖÇM 2021-2025 y. 2-nji Netijesiniň gazanylmagyna goşant goşýar:
2025-nji ýyla çenli bäsdeşlige ukyply hususy we maliýe pudaklaryny ösdürmek, söwdany ýeňilleşdirmek we innowasiýa, sanly tehnologiýalary uýgunlaşdyrmak ýaly ykdysadyýeti durnukly we öz içine alyjy diwersifikasiýa üçin şertler gowulandyryldy

Türkmenistan bilen BMGÖM-nyň arasynda ÝMR 2021-2025 y. Netije 2.1: Döwlet edaralary we hususy sektor, aýal-gyzlar we ejiz toparlar üçin iş orunlaryny döretmäge aýratyn üns bermek bilen, diwersifikasiýa, sanlaşdyrmak we söwdany ýeňilleşdirmek maksatnamalaryny durmuşa geçirmek üçin kadalaşdyryjy, institusional we adam mümkinçiliklerini güýçlendirdi.

Talap edilýän serişdeleriň umumy bahasy:	**3,760,736.28 ABŞ-nyň dollary**	
Bölünip berlen serişdeleriň umumy bahasy:	**Türkmenistanyň Hökümeti** [1]: Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy	**2021 ý.: 1,504,294.52 ABŞ-nyň dollary** **2022 ý.: 1,128,220.88 ABŞ-nyň dollary** **2023 ý.: 1,128,220.88 ABŞ-nyň dollary**

Ylalaşyldy (gollar):

Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy	**Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy**
Maksat Hudaýgulyýew Başlyk	Natia Natswlişwili Hemişelik Wekiliň w.ý.ý.
Sene: 11.12.2020	Sene: 11.12.2020

Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we ösüş boýunça Konferensiýasy, Jogapkär tarap

Dmitriý Godunow
ASYCUDA boýunça Merkezi Aziýa we Gündogar Ýewropa boýunça sebitleýin utgaşdyryjysy

Sene: 11.12.2020

[1] Döwlet býujetinden maliýeleşdirmek göz öňünde tutulmadyk

AKRONIMLER WE GYSGALTMALAR

ASYCER - Elektron sertifikatlaşdyrmagyň awtomatlaşdyrylan mehanizmi

ASYCUDA – ÝUNKTAD-nyň awtomatlaşdyrylan gümrük platformasy

ASYCUDAWorld - ASYCUDA 4G, internet görnüşi

DGE - Döwlet gözegçilik edaralary

MAT - Maglumat we aragatnaşyk tehnologiýalary

YŞRR - Ygtyýarnamalar, şahadatnamalar we rugsat berýän resminamalar

TOHDGGM - Türkmenistanyň Oba hojalyk we daşky gurşawy goramak ministrligi

TMYM - Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi

TSGDSM - Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi

TIIM - Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi

TSDYAM - Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi

TBDG - "Türkmenstandartlary" (standartlaşdyrmak boýunça) baş döwlet gullugy

TDHÇMB - Türkmenistanyň Döwlet haryt-çig mal biržasy

TSSE - Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy

TMB - Türkmenistanyň Merkezi banky

MTT - Milli taslama topary

TDGG - Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy

BP - Bir penjire

BMG - Birleşen Milletler Guramasy

ÝUNKTAD - BMG-nyň Söwda we ösüş boýunça Konferensiýasy

BMGÖM - Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy

ÝYK - BMG-nyň Ýewropa ykdysady komissiýasy

WŞ - Weterinar şahadatnamasy

BSG - Bütindünýä söwda guramasy

DÖHÇM - Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda Durnukly ösüş ugrunda hyzmatdaşlygyň çarçuwaly maksatnamasy

ÝMR - Türkmenistan bilen BMGÖM-niň arasynda hyzmatdaşlygyň ýurt maksatnamasy boýunça resminama

I. ÝAGDAÝYŇ BEÝANY

2017-2020-nji ýyllar aralygynda Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we ösüş boýunça Konferensiýasynyň (ÝUNKTAD) we Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň (BMGÖM) Türkmenistandaky wekilhanasynyň goldawy bilen Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy ÝUNKTAD tarapyndan işlenip düzülen ASYCUDA World gümrük dolandyryşynyň integrirlenen maglumat ulgamyny ornaşdyrmak boýunça tehniki hyzmatdaşlyk taslamasyny üstünlikli durmuşa geçirdi. ASYCUDA taslamasy gümrük amallaryny döwrebaplaşdyrmaga, harytlaryň elektron görnüşde deklarirlenmegini ýeňilleşdirmäge, doly birleşdirilen (integrirlenen) gümrük nyrhyny girizmäge, üstaşyr amallaryna monitoringi we gözegçiligi kämilleşdirmäge, halkara standartlaryna we öňdebaryjy tejribä laýyklykda töwekgelçilikleri dolandyrmagyň häzirki zaman ulgamlaryny ornaşdyrmaga gönükdirilendir.

2019-njy ýylyň 27-nji noýabrynda Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy bilen BMG-nyň Ösüş Maksatnamasynyň arasynda Türkmenistanda Durnukly Ösüş Maksatlaryna ýetmek üçin innowasiýalary höweslendirmek we gümrük amallaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça bilelikdäki hyzmatdaşlyk barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi.

Mundan başga-da, Türkmenistanyň Prezidentiniň 2019-2025-nji ýyllarda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň Konsepsiýasyna laýyklykda, bu Konsepsiýany durmuşa geçirmegiň ikinji tapgyrynda Bir penjire mehanizmleriniň ornaşdyrylmagy göz öňünde tutulýar. Eksport-import amallary üçin Bir penjire mehanizminiň amala aşyrylmagy 2019-2025-nji ýyllar üçin Türkmenistanyň Prezidentiniň ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasynyň, Gümrük ulgamyny ösdürmegiň 2017-2021-nji ýyllar üçin maksatnamasynyň we Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020-2025-nji ýyllar üçin maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegine möhüm goşant bolar.

Bu nukdaýnazardan, TDGG, "Bir penjire" ulgamyny ornaşdyrmakda, ÝUNKTAD-nyň we BMGÖM-nyň amaly gümrük maglumat ulgamlaryna laýyk gelýän "Bir penjire" ulgamlaryny we düzüm bölekleriniň işläp taýýarlamakda we durmuşa geçirmekde toplan üstünlikli tejribesine esaslanmagy göz öňünde tutýar. Bu babatda möhüm mysallaryň biri Niderlandlar Patyşalygynyň Ykdysadyýet ministrliginiň kömegi bilen ÝUNKTAD tarapyndan işlenip düzülen elektron sertifikatlaşdyrmagyň mehanizmidir (ASYCER).

Bu taslama TDGG tarapyndan halkara söwda, eksporty höweslendirmek, ilatyň saglygyny goramak, daşky gurşaw we azyk howpsuzlygy ýaly ileri tutulýan ugurlarda "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamlarynyň/düzüm bölekleriniň birnäçesiniň ýola goýulmagyna we ornaşdyrdyrylmagyna ýardam eder. Taslama Türkmenistanyň halkara söwdasyna gatnaşmak mümkinçiligini güýçlendirmäge, daşary ykdysady işine (DYI) gatnaşyjylar üçin işewürlik şertlerini has-da gowulaşdyrmaga we ýurduň işewürlik we maýa goýum derejelerini ýokarlandyrmaga ýardam eder.

TDGG, ÝUNKTAD we BMGÖM bilelikde ASYCUDA World platformasyny ornaşdyrmak ugrunda Tehniki hyzmatdaşlygyň taslamasyny amala aşyrdylar. ASYCUDA deklarasiýalary resmileşdirmek ulgamy TDGG-nyň ähli sebit edaralarynda üstünlikli işe girizildi. Integrirlenen ulgam şulardan ybarat: nyrhlary dolandyrmagyň integrirlenen ulgamy (ISUT), töwekgelçilikleri dolandyrmak ulgamy, elektron tölegler, buhgalterçilik hasaba alnyşy, gurallar/statistika paneli bilen elektron portal. ASYCUDA üstaşyr ulgamy, şol sanda deslapky maglumatlaryň işlenip taýýarlanmagy we HÝD (EDD, Elektron deslapky deklarirleme, Real-Time SafeTIR) halkara standartlaryna laýyk gelýär.

ÝUNKTAD, ýokardakylar bilen bir hatarda, import-eksport ygtyýarnamalaryň, güwänamalaryň we rugsat berýän resminamalaryň berilmegine jogapkär birnäçe döwlet edaralarynyň arasynda özara gatnaşyklaryň esasy ulgamlarynyň we ýagdaýlarynyň seljermesini geçirdi. Bu seljerme beýleki DGE-nyň eksport-import amallary üçin "Bir penjirä" netijeli we işjeň gatnaşmaga taýýarlygy bilen baglanyşykly esasy meseleler hökmünde aşakdakylary kesgitledi:

- DGE degişli MT programma üpjünçilikleri ösdürilmegiň/durmuşa geçirilmegiň dürli tapgyrlarynda bolup we dürli MAT tehnologiýalaryna esaslanyp, zerur işiň gidişini diňe bölekleýin öz içine alýar;
- YŞRR maglumat binýatlary beýleki DGE we TDGG tarapyndan awtomatlaşdyrylan tertipde we hakyky wagtda ulanylmagyna mümkinçilik berýän görnüşde merkezleşdirilmedi;

- Elektron üpjünçilikleri, elektron YŞRR we elektron deklarasiýa (ED) üçin bir giriş nokadynyň bolmazlygy;
- Dürli DGE-nyň ulgamlary bilen TDGG-nyň gümrük maglumat ulgamlary özara baglanyşmaýar;
- Berlen YŞRR-laryň ulanylyşyna hakyky wagtda integrirlenen monitoringiň bolmazlygy, kwotalaryň netijeli dolandyrmazlygy;
- Töwekgelçililkeriň pudakara dolandyrylyşynyň bolmazlygy.

TDGG tarapyndan BMGÖM bilen ÝUNKTAD-nyň aşakdaky bölümlerde beýan edilen "Bir penjiräniň" esasy düzüm böleklerini amala aşyrmak, şeýle hem ASYCUDA ulgamynyň we "Eksport-import amallary üçin bir penjire" barada teklibi kabul edildi.

BMG-nyň ÝYK-nyň 33 belgili teklibi, milli bir penjireleri ornaşdyrýan ýurtlary halkara guramalar, şol sanda ÝUNKTAD, tarapyndan işlenip düzülen gurallary ulanmaga çagyrýar.

ÝUNKTAD tarapyndan hödürlenýän Bir penjire çözgüdiniň esasy artykmaçlyklary:

Funksional artykmaçlyklary:

1) gyzyklanma bildirýän ähli döwlet edaralarynyň ýerine ýetirilýän eksport-import amallary bilen baglanyşykly işlerini amatlaşdyrmak we awtomatlaşdyrmak;

2) pudagara dolandyrylyşynyň ygtybarly mümkinçilikleri: eksport we import üçin elektron YŞRR-lara doly monitoring we gözegçilik; töwekgelçiligi pudagara dolandyrmak, saýlamak mümkinçiligi we ş.m.;

3) kadalaşdyryjy we habar berýän maglumatlarynyň (kompaniýalaryň sanawlary, harytnamalar we ş.m.) we elektron YŞRR-laryň, tassyklaýjy resminamalaryň we ş.m. bitewi merkezleşdirilen maglumatlar binýady

4) elektron girişiň bir nokady – "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" portaly; DYI-ne gatnaşyjylar üçin tertipler, YŞRR we ş.m. barada maglumatlaryň erkin elýeterligi;

5) DYI-ne gatnaşyjy tarapyndan YŞRR almak üçin elektron arzalary bermek, YŞRR almak üçin ýygyndylary elektron usulda tölemek, arzalaryň taryhyny doly yzarlamak;

6) elektron YŞRR bermegiň we olary merkezleşdirilen maglumatlar binýadyna girizmegiň doly awtomatlaşdyrylan tertibi;

7) ASYCUDA bilen "Eksport-import amallary üçin Bir penjiräniň" aýry düzüm böleklériniň, elektron YŞRR bilen elektron gümrük deklarasiýalarynyň özara baglanyşygy, awtomatlaşdyrylan köp taraplaýyn barlag, kwotalary dolandyrmak, hasapdan aýyrmak we ş.m.

8) "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" maglumat ulgamynyň daşarky maglumat binýatlary bilen özara baglanyşmak mümkinçiligi;

9) degişli halkara standartlary we teklipleri ornaşdyrmak;

10) söwda jemgyýetçiligi üçin döwlet hyzmatlarynyň ýokary derejede edilmegi.

Tehniki artykmaçlyklary:

1) platformalaryň we enjamlaryň giň gerimi esasynda ornaşdyrmaga şert döredýän operasion ulgamlarynyň görnüşlerine we MBDBU (Maglumatlar binýatlaryny dolandyrmagyň baglanyşyk ulgamyna) bagly bolmazlygy;

2) gerimini bar bolan enjamlara we MAT infrastrukturasyna baglylykda giňeltmek mümkinçiligi;

3) arhitekturanyň (gurluşlaryň) dürli görnüşlerini (merkezleşdirilen, merkezleşdirilmedik, garyşyk) ulanmak mümkinçiligi;

4) dürli müşderiler üçin işlemek mümkinçiligi;

5) köp dilliligi (şol sanda türkmen, rus, iňlis);

6) içine gurlan ygtybarly howpsuzlyk funksiýalary;

7) 10000 we ondan köp ahyrky ulanyjylary goldamak;

8) habar berýän maglumatlar programma düzmezden üýtgedilýär we täzelenýär;

9) MAT-nyň bökdençlerine çydamlylyk;

10) gurnamagyň/tehniki taýdan hyzmat etmegiň iň az çykdajylary.

Teklip edilýän çözgüdiň we degişli tehniki kömegiň we okuwyň iň möhüm artykmaçlygy "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň TDGG-nyň eýeçiligine geçmegi we ulgamy ulanmakda, dolandyrmakda we hyzmat etmekde daşarky goldawyň talap edilmezligi.

II. STRATEGIÝA

Bu taslamanyň maksady gümrük hyzmatlaryny etmek ulgamynda "Bir penjire" çemeleşmesini girizmek arkaly eksport-import amallaryny ýönekeýleşdirmek we olaryň netijeliligini ýokarlandyrmakdyr.

Taslamanyň çäginde Türkmenistanyň Prezidentiniň tassyklan ýurdumyzy 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Maksatnamasyna, Gümrük ulgamyny ösdürmegiň 2017-2021-nji ýyllar üçin maksatnamasyna we Türkmenistanyň daşary ykdysady işini ösdürmegiň 2020-2025-nji ýyllar üçin maksatnamasyna laýyklykda gümrük resmileşdirmesine gatnaşýan DGE (döwlet gözeçilik edaralarynyň) iş mümkinçiliklerini mundan beýläk hem ýokarlandyrmak, şeýle hem adalatly söwdany ýönekeýleşdirmek we gender deňligini göz öňünde tutup, raýatlaryň ykdysady taýdan deň hukuklaryny, şol sanda raýatlaryň telekeçilik işine bolan hukugyny üpjün etmekde, ykdysadyýetiň hususy pudagyny ösdürmekde, senagatlaşmakda we ykdysady ösüşi gazanmakda Türkmenistana goldaw bermek meýilleşdirilýär. Şeýle hem, 2020-nji ýylyň 13-nji oktýabrynda Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasy (BMGÖM), Birleşen Milletler Guramasynyň Söwda we ösüş boýunça Konferensiýasy (ÝUNKTAD) bilen Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň arasynda Türkmenistanda "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" taslamasynyň amala aşyrylmagyna ýardam etmek barada özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekilip, bu taraplaryň giň özara gatnaşygy üçin esas döreder, şeýle hem olaryň arasynda hyzmatdaşlygy ösdürer we güýçlendirer.

Bu Taslamanyň uzak möhletli maksady döwlet edaralaryny güýçlendirmegi, döwlet maliýeleşdirmesini gowulandyrmagy we gurşawyň netijeliligini ýokarlandyrmak we daşary söwdany amala aşyrmak üçin, şol sanda hususy telekeçiliginiň wekilleri tarapyndan, amatly şertleri döretmek arkaly Türkmenistanyň ykdysadyýetini berkitmegi, ýurduň üstaşyr geçirmek mümkinçiliklerini güýçlendirmegi we onuň dünýädäki we sebitdäki söwda gatnaşmak kuwwatyny artdyrmagy öz içine alýar.

Şu taslama esasan harytlary daşary ýurtlara ugradýan we ýurda getirýän taraplar üçin açyk we öňünden kesgitläp boljak söwda gurşawyny hem-de işewürlik we maýa goýumlary üçin amatly şertleri döretmek arkaly BMG-nyň Durnukly ösüş maksatlarynyň (DÖM) "Mynasyp iş we ykdysady ösüş" atly 8-nji maksadyna, şeýle hem gümrük we serhedi goramaga jögapkär beýleki döwlet gözegçilik edaralarynyň iş mümkinçiliklerini berkitmek hem-de sebit integrasiýasyny höweslendirmek arkaly "Parahatçylyk, adalatlylyk we netijeli edaralar" atly 16-njy maksadyna ýetmäge gönükdirilendir.

Bu taslama gytaklaýyn söwda işinde, gümrük dolandyryşynda we döwlet gözegçilik edaralarynda zenanlaryň ornuny goldamagyň we MAT tehnologiýalaryny ornaşdyrmak arkaly zenanlaryň iş şertlerini gowulandyrmagyň üsti bilen Durnukly ösüş maksatlarynyň "Gender deňligi" atly 5-nji maksadyna, şeýle hem derman we beýleki sarp ediş harytlarynyň ýurda getirilmegine pudagara gözegçiliginiň netijeliligini ýokarlandyrmak hem-de gümrük we beýleki döwlet gözegçilik edaralarynyň azyk howpsuzlygyny, ilatyň saglygyny we daşky gurşawy goramak meselelerini çözmek ugrunda öndürijilikli işini ýola goýmak arkaly "Sagdyn durmuş we abadançylyk" atly 3-nji maksadyna we "Jogapkärçilikli önümçilik we sarp edişlik" atly 12-nji maksadyna ýetmäge gönükdirilendir.

Şu taslama beýleki döwlet we halkara guramalar ýa-da olaryň bölümleri bilen özara peýdaly şertnamalary baglaşmak arkaly "Durnukly ösüş babatynda hyzmatdaşlyk" atly 17-nji Durnukly ösüş maksadynyň wezipelerine ýetmäge ýardam edýär. Bu taslama, şeýle hem, ykdysady diwersifikasiýa we söwda ýardam etmäge gönükdirilen Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda durnukly ösüş ugrunda 2021-2025-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň çarçuwaly

maksatnamasynda (DÖHÇM) we Türkmenistan bilen BMGÖM-niň arasynda 2021-2025-nji ýyllar üçin hyzmatdaşlygyň Ýurt maksatnamasy hakynda Resminamada (ÝMR) görkezilen maksatlara we wezipelere laýyk gelýär. Hususan-da, taslama 2.1 Netijäniň "Döwlet edaralary we hususy pudak iş orunlaryny, şol sanda zenanlar we ejiz toparlar üçin, döretmäge aýratyn üns berip, söwdanyň diwersifikasiýasy, sanlaşdyrylmagy we ýeňilleşdirilmegi boýunça maksatnamalary durmuşa geçirmek üçin kadalaşdyryjy, gurluş we işgärler kuwwatyny güýçlendirdi" gazanylmagyna ýardam edýär.

TDGG "Bir penjire" ulgamyny ornaşdyrmakda Türkmenistanyň ilkinji edaralarynyň biridigini göz öňünde tutup, şeýle hem bu ulgamy netijeli ornaşdyrmak, onuň durnukly ýaramlylygyny üpjün etmek, mundan beýläk hem uzak möhletli ösüşi gazanmak we töwekgelçilikleri pudagara dolandyrmak maksady bilen, "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň işini utgaşdyrmak üçin Pudagara toparyny döretmek teklip edilýär. Pudagara toparynyň düzümine "Bir penjire" ulgamynyň işine gatnaşýan degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralaryň başlyklarynyň orunbasarlary goşular.

Mundan başga-da, bu toparyň çäginde Pudagara toparynyň agzalary bolan her bir ministrligiň we pudaklaýyn edaranyň degişli müdirlikleriniň we bölümleriniň ýolbaşçylaryndan düzülen 3 esasy ugurda, hususan-da, hukuk, tehniki we işgärler meseleler boýunça işlemek üçin Pudagara iş toparlary döredildi. Şeýle hem, pudagara iş toparlary tarapyndan "Kiberhowpsuzlyk hakynda" Türkmenistanyň kanunyna we Türkmenistanyň Konstitusiýasyna laýyklykda "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň maglumat infrastrukturasynyň howpsuzlygyny üpjün etmegiň tertibi we aýratynlyklary kesgitlenýär.

Pudagara toparynyň mejlisleri her ýylda azyndan iki gezek geçiriler. Pudagara iş toparynyň mejlisleri azyndan her çärýekde bir gezek geçiriler. Zerur bolanda, Pudagara toparynyň we Pudagara iş toparynyň adatdan daşary mejlisleri geçiriler.

Pudagara toparynyň we Pudagara iş toparynyň mejlislerinde kararlar sesleriň köplügi bilen kabul ediler. Pudagara toparynyň mejlislerinde kabul edilen kararlar Pudagara iş topary tarapyndan ýerine ýetirilmäge hökmany bolar.

Kiberhowpsuzlyk elementleri şu Taslama resminamasynyň III Bölüminde görkezilen 1-nji we 2-nji Tapgyrlar ýerine ýetirilende işlenip düzüler we ornaşdyrylar.

TASLAMANYŇ MAKSATLARY:

- DGE-nyň we DYI-ne gatnaşyjylarynyň bähbidine esasy eksport we import YŞRR çykarmak, ulanmak we olara monitoring etmek bilen baglanyşykly iş amallary üçin amatly şertleri döretmek.

- Gümrük resmileşdirmesi üçin rugsatnamalaryň berilmegine gatnaşýan DGE-nyň, hususan-da, ykdysady kontrabanda, kezzapçylyga we galp önümlere garşy göreşde iş mümkinçiligini ýokarlandyrmak.

- DGE ulgamlarynda, şeýle hem ASYCUDA iş gurşawynda "Eksport-import amallary üçin Bir penjiräniň" YŞRR düzüm böleklerini düzmek, synagdan geçirmek we ornaşdyrmak.

- DGE we TDGG işgärlerine "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň ulanylyşyny, dolandyrylyşyny we hyzmat edilişini öwretmek.

Bu taslama resminamasynyň maksatlary üçin **niýetlenen** aşakdaky **ulanyjylar** kesgitlendi:

- **Hökümet**, eksport-import amallaryny amala aşyrmak, iş tertiplerini ýönekeýleşdirmek we amatlaşdyrmak, adalatly söwdany ýeňilleşdirmek we ýurduň halkara we işewürlik derejesini ýokarlandyrmak üçin "Bir penjiräni" girizmek arkaly;

- **DGE**, YŞRR-laryň berilmegi we ulanylyşyna gözegçilik we monitoring etmek üçin doly awtomatlaşdyrylan amallary amatlaşdyrmak arkaly.

- TDGG, onuň iş kuwwatyny we beýleki döwlet edaralary bilen netijeli özara gatnaşygy arkaly, şol sanda töwekgelçilikleriň Pudagara dolandyrylyşy, kwotalara gözegçilik etmek, täjirçilik galplyklaryna we korrupsiýa garşy göreşmek ugurlarynda.

- **Söwda jemgyýetçiligi**, eksport we import tertiplerini düzgüne salmak we ýönekeýleşdirmek,

tölegler, şeýle hem söwda üçin beýleki kämilleşdirilen hökümet hyzmatlary arkaly.

---

lary ornaşdyrmak we " konsepsiýasyny ulanyp, işleýän TDGG-nyň ASYCUDA ulgamynyň gümrük resmileşdirmesini mundan beýläk hem awtomatlaşdyrmak we döwrebaplaşdyrmak boýunça

Şu taslamanyň çäklerinde garaşylýan netije Türkmenistan Döwlet gümrük gullugynyň we beýleki degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralaryn "
girizmek boýunça iş we tehniki kuwwatyny güýçlendirmekdir.

Taslamany amala aşyrmagyň netijesinde aşakdakylar gazanylar:

üçin Bir penjire"

(2) "
girizildi we milli kanunlar we halkara kadalar bilen kepillendirilen raýatlarynyň hemmesi

TDGG, DGE we işewürlik jemgyýetçiligi üçin "Eksport-import amallary üçin Bir penjire"

" ulgamyny ulanmak, dolandyrmak we hyzmat etmek boýunça taýýarlandy.

"Eksport-import amallary üçin Bir penjiräniň" synag nusgasy ASYCUDA ulgamy bilen

Töwekgelçilikleriň Pudagara dolandyrylyş ulgamy synagdan geçirildi;

"

ulgamyndan yzygiderli hasabat alýarlar;

"

(11) Gatnaşmak mümkinçilikleri giňeldildi we ykdysadyýetiň hususy pudagyndaky taraplar, şol

telekeçiligiň kärhanalary, telekeçilik işlerini ýerine ýetirýän zenanlar üçin söwda işini amala aşyrmagyň şertleri gowulandyryldy;

"

" "

" "Ekspo

" ulgamyna eýeçilik hukugyny berkitmäge we olaryň bu ulg
dolandyrmakda, hyzmat etmekde we ösdürmekde özbaşdaklygy üçin şe
gönükdirilen tehniki we funksional taýýarlygydyr.

taýýarlar, MTT bolsa deslapky synag tapgyryna gatnaşýan DGE-daky we TDGG-daky soňky ulanyjylary taýýarlar.

- **"Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamy we ulanyjylar üçin resminamalar**

  ÝUNKTAD bilermenleri ahyrky ulanyjylar we ulgamy dolandyryjylar üçin "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň iş mümkinçiliklerini beýan edýän resminamalary (rus dilinde) taýýarlar we paýlar.

- **Söwda jemgyýetçiligi üçin tanyşdyryş mejlislerini taýýarlamak we geçirmek**

  Söwda işine gatnaşyjylary täze tertiplere we "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamyna taýýarlamak üçin MTT, ÝUNKTAD / BMGÖM we TDGG bilermenleriniň kömegi bilen, okuw çärelerini we degişli resminamalary taýýarlar.

  Bu tapgyryň ahyrynda ÝUNKTAD / BMGÖM, DGE we TDGG tarapyndan "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň synag nusgasynyň umumy kabul edilip bilinjekdigine we kabul edilen haýsy-da bolsa funksional çäklendirmelere, tehniki häsiýetine we milli kanunçylyga laýyklyga baha berler.

2-nji tapgyr - Ornaşdyrmak

- **DGE we söwda jemgyýetçiligi üçin işleriniň görnüşlerine görä tanyşdyryş çärelerini we okuwlary guramak.** Tanyşdyryş çäreleri Türkmenistanyň işewürler toparlarynyň gatnaşmagynda geçirilip, olara zenan telekeçiler çagyrylar.

- **"Eksport-import amallary üçin ýeke penjire" ulgamyny DGE-nyň iş gurşawynda deslapky synagdan geçirmek.**

  TDGG we DGE zerur enjamlar we infrastruktura, şeýle hem "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" synag edilýän ulgamynyň işe girizilmegi üçin zerur bolan ýörite işgärler bilen üpjün etmäge jogapkärdir.

  Ulgam DGE-nyň merkezi binalarynda we, zerur bolanda, bir sebit bölüminde hem-de TDGG-da synagdan geçiriler. Zerur bolanda, DGE-nyň bar bolan MT ulgamlary maglumatlaryň deňligini barlamak üçin olar bilen bir wagtda işlär. Bu tapgyrda ulgamyň ýurt boýunça hakyky işe girizilmegi üçin zerur bolan synag edilýän ulgamyň ýüze çykyp biljek haýsy-da bolsa üýtgetmeleri kesgitlemek we zerur üýtgetmeleriň amala aşyrylmagy göz öňünde tutulýar.

  Bu tapgyryň ahyrynda ÝUNKTAD / BMGÖM, DGE we TDGG tarapyndan "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" synag edilýän ulgamynyň umumy kabul edilip bilinjekdigine we kabul edilen haýsy-da bolsa tehniki häsiýetine baha berler.

- **"Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň işe girizilmegi**

  Kabul edilen "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamy, zerur enjamlar, aragatnaşyk we beýleki serişdeler bar bolan halatynda, DGE-nyň we TDGG-nyň ähli degişli bölümlerinde ornaşdyrylar.

  MTT DGE-nyň we TDGG-nyň soňky ulanyjylaryny "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynda işlemäge öwreder.

- **Töwekgelçilikleriň Pudagara dolandyrylyş ulgamyny synagdan geçirmek**

  Zerur bolanda, ÝUNKTAD we BMGÖM bilermenleri gender deňligi göz öňünde tutup, DGE-nyň we TDGG-nyň degişli işgärleri üçin töwekgelçilikleri dolandyrmak boýunça ýöriteleşdirilen pudagara okuwy guralar. Soňra töwekgelçilikleriň pudagara dolandyrylyş ulgamynyň DGE degişli belli bir düzüm bölegi DGE-da we TDGG-da sazlanar we synagdan geçiriler.

  Synag taslamasynyň netijelerine esaslanyp, TDGG we DGE töwekgelçilikleriň pudagara dolandyrylyş ulgamynyň geljekde ulanylmagy barada karara gelip bilerler.

Ulgamyň düzüm böleklerini ornaşdyrmak işi "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň her bir düzüm böleginiň çylşyrymlylygyna we ulgamyň umumy gurşawynyň çäklerinde özara

baglanyşyklara baglylykda şol bir wagtda ýerine ýetirilip bilner. ÝUNKTAD / BMGÖM tarapyndan ASYCUDA ulgamyny ornaşdyrýan ÝUNKTAD toparyna goşmaça taslama topary bellener.

ÝUNKTAD / BMGÖM, TDGG we DGE şu Taslama amala aşyrylýan döwrüniň dowamynda ýakyn hyzmatdaşlyk eder.

ÝUNKTAD / BMGÖM tarapyndan edilen teklipleriň amala aşyrylmagy bellenen wagtyndan yza galmak we resmileşdirmekde kynçylyklar bilen baglanyşykly bolsa (mysal üçin, milli kanunçylyga üýtgemeleri girizmek), TDGG we DGE Taslamanyň öz wagtynda amala aşyrylmagy üçin dessine alternatiw/wagtlaýyn çözgütleri teklip ederler.

ORNAŞDYRMAK BOÝUNÇA ESASY ÇÄRELER:

- ✓ **Işleri ugrukdyrma**

Şu Taslamanyň başlangyç tapgyrynda geçirilmeli taýýarlyk çäreleri:

- ÝUNKTAD / BMGÖM bilermenlerini bellemek;
- TDGG we DGE (MTT) işgärlerinden ybarat bolan Milli Taslama toparyny bellemek.
- ÝUNKTAD / BMGÖM taýýarlyk çärelerini guraýar:
  - Ugrukdyryş ýygnagy – MTT öňünde Taslamanyň maksatlaryny we wezipelerini goýmak;
  - TDGG we DGE ýolbaşçy düzümi üçin düşündiriş sessiýasy – taslamanyň maksatlaryny we wezipelerini we özara hereket etmegiň tertibini düşündirmek;
  - MTT agzalaryna "Bir penjire" ýörelgelerine (Başlangyç dereje), şeýle hem "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň tehniki we funksional nukdaýnazarlaryny okatmak.

- ✓ **"Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň umumy gurluşyny kesgitlemek**

ÝUNKTAD / BMGÖM Türkmenistanda takyk şertleri, hususan-da, telekommunikasiýanyň milli toruny hasaba almak bilen "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň umumy gurluşyny, gelip çykyş maglumatlarynyň, maglumatlaryň düzüm birlikleriniň nukdaýnazaryndan ulgamyň has laýyk gelýän tehniki çözgüdini, konfigurasiýasyny, gaýtadan işlemäge bildirilýän talaplary we ş.m. teklip eder.

ÝUNKTAD / BMGÖM teklipleri TDGG we DGE tarapyndan serediler. Eger-de ÝUNKTAD / BMGÖM maslahatlaryny durmuşa geçirmek wagtyň saklanmagyny göz öňünd tutýan bolsa, onda TDGG we DGE Taslamanyň öz wagtynda durmuşa geçirilmegini üpjün etmek üçin ornuny tutujy aralyk çözgütleri dessin teklip eder.

- ✓ **"Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň portaly**

"Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň portaly ygtyýarlygyň ýeke-täk nokady hökmünde DGE we söwda jemgyýetçiligine "Bir penjire" ulgamynyň ähli wezipelerini hödürlär, mysal üçin, elektron arzalary, elektron tölegleri bermek we goldamak, eksport we import amallary bilen baglanyşykly degişli we täzelenen maglumat we ş.m.

Bu ulanjylaryň howpsuz anyklanmagyny, "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamyna ygtyýarlylygy, olaryň işiniň monitoringini, olaryň wezipe borçlarynyň derejesinde statistiki maglumatlara bolan ygtyýarlylygy üpjün eder.

- ✓ **Merkezi Bank (MB) – elektron tölegler, geleşikleriň pasportlary**

  - **Elektron tölegler** – eksport we import amallary bilen baglanyşykly harytlary işlemek we/ýa-da goýbermek üçin ýygymlary, gümrük we beýleki administratiw ýygymlary, tölegleri hem-de, zerur bolan ýagdaýynda beýlekileri tölemek.

- **Geleşikleriň pasportlary** – TDGG ÝUNKTAD-yň AWTOMATLAŞDYRYLAN GÜMRÜK PLATFORMASY maglumat bilen ulgamy bilen **maglumatlary awtomatik ýagdaýda deňeşdirmek**

✓ **Türkmenistanyň döwlet haryt-çig mal biržasy (TDHÇMB)**

"Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynda TDHÇMB düzümi merkezleşdirilen gurluşda aşakdaky esasy wezipeleri öz içine alar:

- **Daşarky söwda şertnamalaryň hasaba alnyşynyň elektron tertibi**.
- **Daşarky söwda şertnamalaryň hasaba alnyşynyň monitoringi we gözegçilikleriň** hem-de hasaba alnyşynyň bozulmalarynyň hasabatlylygy.
- **TDGG ÝUNKTAD-nyň awtomatlaşdyrylan gümrük platformasynyň maglumat ulgamy bilen özara hereket etmek**.

✓ **TÜRKMENISTANYŇ OBA HOJALYK WE DAŞKY GURŞAWY GORAMAK MINISTRLIGINIŇ FITOSANITARIÝA GULLUGY (TOHM) – ELEKTRON FITOSANITARIÝA SERTIFIKATLAŞDYRYLMA**

"Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamyndaky düzüm aşakdaky esasy wezipeleri öz içine alar:

- **Fitosanitariýa sertifikatlarynyň elektron işlenilmegi (FSS)**
  - Arzalary elektron usulda bermek, sertifikatlara baha bermek, olary işlemek, bermek;
  - Standartlaşdyrylan / sazlanylan resminamalary, adalgalary, kodlary we ýazgylary (IPPC, ISO, UN/CEFACT) ulanmak;
  - Sertifikatlaryň berilmegi barada elektron görnüşde habar bermek
- **TDGG ÝUNKTAD-nyň AWTOMATLAŞDYRYLAN GÜMRÜK PLATFORMASYNYŇ ulgamy bilen özara hereket etmek**
  - ΦCC awtomatik usulda barlamak we kabul etmek;
  - Gadaganlyklary we çäklendirmeleri dolandyrmak;
  - Kwotalary we / ýa-da rugsat berlen möçberleri dolandyrmak;
- **Funksional utgaşyklyk we maglumatlaryň elektron alyş-çalşygy** – serhetde ΦCC elektron maglumatlaryna ygtyýarlyk.
- **Monitoring we hasabatlylyk**.

✓ **TÜRKMENISTANYŇ OBA HOJALYK WE DAŞKY GURŞAWY GORAMAK MINISTRLIGINIŇ WETERINARIÝA GULLUGY (TOHM) – ELEKTRON WETERINARIÝA SERTIFIKATLAŞDYRYLMA**

"Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynda düzüm aşakdaky esasy wezipeleri öz içine alar:

- **Weterinariýa sertifikatlarynyň elektron işlenilmegi (BC)**
  - Arzalary elektron usulda bermek, sertifikatlara baha bermek, olary işlemek, bermek;
  - Standartlaşdyrylan / sazlanylan resminamalary, adalgalary, kodlary we ýazgylary (IPPC, ISO, UN/CEFACT) ulanmak;
  - Sertifikatlaryň berilmegi barada elektron görnüşde habar bermek
- **TDGG ÝUNKTAD-nyň AWTOMATLAŞDYRYLAN GÜMRÜK PLATFORMASYNYŇ ulgamy bilen özara hereket etmek**
  - BC awtomatik usulda barlamak we kabul etmek;
  - Gadaganlyklary we çäklendirmeleri dolandyrmak;
  - Kwotalary we / ýa-da rugsat berlen möçberleri dolandyrmak;
- **Funksional utgaşyklyk we maglumatlaryň elektron alyş-çalşygy** – serhetde BC elektron maglumatlaryna ygtyýarlyk.

- **Monitoring we hasabatlylyk.**

✓ **TÜRKMENISTANYŇ SAGLYGY GORAÝYŞ WE DERMAN SENAGATY MINISTRLIGI (TSGDSM) – FARMASEWTIKA SERIŞDELERIŇ IMPORT EDILMEGINE ELEKTRON YGTYÝARNAMALAR**

"Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynda düzüm aşakdaky esasy wezipeleri öz içine alar:

- **Ygtnyýarnamalaryň elektron işlenilmegi (import)**
  - Ygtyýarnamalary elektron görnüşde bermek, olara baha bermek, işlemek, bermek/ýüz öwürmek we hereket edýänlerini ulanmak;
  - Standartlaşdyrylan / sazlanylan resminamalary, adalgalary, kodlary we ýazgylary şol sanda CAS (Himiki Referatiw Gulluk) we INN (Halkara patentleşdirilmedik at, HPA) hasaba alyş belgilerini ulanmak;
  - Import edijilere ugradylan elektron habarlar.
- **TDGG ÝUNKTAD-nyň AWTOMATLAŞDYRYLAN GÜMRÜK PLATFORMASYNYŇ ulgamy bilen özara hereket etmek**
  - Elektron görnüşde ygtyýarnamalary awtomatik usulda barlamak we kabul etmek;
  - Gadaganlyklary we çäklendirmeleri dolandyrmak;
  - Tutup alma / ýüze çykarma boýunça barlaglaryň we hereketleriň netijeleriniň ýazgysy;
- **Monitoring we hasabatlylyk.**

✓ **IÇERI IŞLER MINISTRLIGI (IIM) – RAÝAT / GULLUK OT AÇÝAN ÝARAGYNYŇ IMPORTY**

"Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň düzümi aşakdaky esasy wezipeleri öz içine alar:

- **Rugsatnamalary almak üçin elektron arzalar** – elektron arzalary bermek, ölçütlere baha bermek, rugsatnamalary kabul etmek/ret etmek, bermek;
- **Berlen rugsatnamalary dolandyrmak** – uzaltmak, togtatmak, ýatyrmak, seslenmeler.
- **TDGG ÝUNKTAD-nyň AWTOMATLAŞDYRYLAN GÜMRÜK PLATFORMASYNYŇ ulgamy bilen özara hereket etmek**
  - Elektron görnüşde rugsatnamalary awtomatik usulda barlamak we kabul etmek;
  - Gadaganlyklary we çäklendirmeleri dolandyrmak;
- **Ýaraglaryň ätiýaçlyklarynyň elektron beýannamalary**
  - Satyjy tarapyndan IIM tükelleme ýazgylaryny, aw ýaraglaryny we oklary elektron görnüşde bermek;
  - Ýaraglaryň we oklaryň ätiýaçlyklarynyň we ulanylmagynyň monitoringi.
- **Gözegçilikleriň we bozulmalaryň monitoringi we hasabatlylygy.**

✓ **TÜRKMENISTANYŇ DÖWLET MIGRASIÝA GULLUGY BILEN MAGLUMATLARY ALYŞMAK**

- **Harytlary deklarirleýän ýolagçylar**
  - Import, eksport we tranzit tertibinde harytlary deklarirleýän ýolagçylaryň pasport maglumatlarynyň elektron görnüşde geçirilmegi;
  - Düzgün bozujylaryň pudagara hasaba alnyşy
  - Import, eksport we tranzit tertibinde harytlary deklarirleýän ýolagçylaryň pasport maglumatlarynyň elektron görnüşde geçirilmegi;

✓ **"TÜRKMENSTANDARTLARY" BAŞ DÖWLET GULLUGY – ELEKTRON LAÝYKLYK SERTIFIKATLARY**

"Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň şu düzümi aşakdaky esasy wezipeleri öz içine alar:

- **Laýyklyk sertifikatlaryna arzalary elektron görnüşde işlemek** – Laýyklyk sertifikatlaryna arzalary elektron görnüşde bermek, olara baha bermek, işlemek, kabul etmek/ret etmek.
- **TDGG ÝUNKTAD-YŇ AWTOMATLAŞDYRYLAN GÜMRÜK PLATFORMASYNYŇ ulgamy bilen özara hereket etmek**
- **Gözegçilikleriň we bozulmalaryň monitoringi we hasabatlylygy**.

✓ **ÝUNKTAD**-YŇ TEHNIKI ÝARDAM ETMEGI WE GOLDAWY

✓ **ASYCER** MEHANIZMI

ÝUNKTAD TDGG aragatnaşyk (Internet) ýollary boýunça mugt we nähili hem bolsa şertsiz aşakdakylary berer:

- ASYCER/AMƏC Eksport/Import platformanyň/programma üpjünçiliginiň iň soňky işjeň görnüşini, şol sanda benefisiar-ýurduň hukuk milli serhetlerinde çäksiz ulanmak üçin gelip çykyş koduny, şeýle hem degişli resminamalary bilen şu PÜ soňky gönüşlerini;
- ASYCER/AMƏC Eksport/Import işjeň resminamalaryny;
- ASYCER/AMƏC Eksport/Import okuw maglumatlary;
- Uzaklykdan tehniki goldawy

Şu ylalaşygyň çäklerinde ÝUNKTAD gaýtadan geçirilmäge, kömekçi ygtyýarlandyrmaga ýa-da geçirilmäge degişli bolmadyk, ýeke-täk däl, muzdsuz we möhletsiz Türkmenistanyň milli çäklerinde ASYCER programma üpjünçiligini ulanmaga hukuk berer.

Eksport/import ASYCER maksatnama üpjünçiligi ÝUNKTAD-nyň intellektual eýeçiligi bolup durýar. TDGG ÝUNKTAD-nyň deslapky we anyk ýazmaça rugsady bolmazdan üçünji tarapa maksatnama üpjünçiliginiň we / ýa-da resminamalaryň nähili hem bolsa nusgalaryny bermez.

✓ **"EKSPORT-IMPORT AMALLARY ÜÇIN BIR PENJIRE" ULGAMY**

"Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň eýeçiligi TDGG (onuň hukuk oruntutarlaryna) we Türkmenistana degişli bolar.

✓ **ÝUNKTAD / BMGÖM** TARAPYNDAN MUNDAN BEÝLÄKKI GOLDAW

ÝUNKTAD / BMGÖM tarapyndan mundan beýläkki goldaw PÜ näsazlyklary ýüze çykarmak we meseleleri düzetmek maksatlary üçin şu Taslamanyň çäklerinde mugt berler.

Garaşylýan netijeleri gazanmak üçin zerur bolan çeşmeler

Taslamanyň häsiýetini göz öňünde tutup, garaşylýan netijelere ýetmek üçin zerur bolan esasy çeşmeler, esasan, taslama seljerme we tehniki goldaw berjek bilermenlere we hünärmenlera töleglerden, maglumatlary, iş sapar çykdajylaryny, ýygnaklaryň we seminarlaryň, tanyşdyryş saparlaryň we taslamanyň işini goldamak üçin şertnamalar boýunça hyzmatlaryň geçirilmegi üçin harajatlary almakdan ybarat bolar.

Şeýle hem taslamanyň býujetiniň ähmiýetli çykdajy maddalary TDGG maddy-tehniki serişdeler we enjamlar bilen üpjün etmek üçin harajatlar bolar.

Taslamanyň iş meýilnamasy başlangyç tapgyrda degişli maliýe bölünişi bilen işlenilip taýýarlanylar we Taslamanyň Utgaşdyryş geňeşiniň ilkinji mejlisinde hödürlener. Taslamanyň durmuşa geçirilmeginiň dowamynda, taslama çäreleriniň netijeliligi beýleki taslamalar we başlangyçlar bilen özara hereket etmegiň, işleriň netijeli utgaşdyrylmagynyň we bilelikdäki meýilnamalaşdyrylmagyň, gyzyklanýan taraplaryň işjeň gatnaşmagynyň hasabyna üpjün ediler.

Hyzmatdaşlyklar

Esasy wezipeleri ýerine ýetirmek üçin "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" esasy pudaklaýyn we ugurdaş ministrlikleri, şol sanda aşakdakylar bilen jebis hyzmatdaşlykda işlär we hyzmatdaşlyk gatnaşyklary ýola goýar:

- Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy

- "Türkmenaragatnaşyk" döwlet agentligi;
- Türkmenistanyň Merkezi banky;
- Türkmenistanyň Maliýe we Ykdysadyýet ministrligi;
- Türkmenistanyň döwlet haryt-çig mal biržasy;
- Türkmenistanyň Söwda we daşary ykdysady aragatnaşyklar ministrligi;
- Türkmenistanyň Oba hojalygy we daşky gurşawy goramak ministrligi;
- Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we derman senagaty ministrligi;
- Türkmenistanyň Içeri işler ministrligi;
- Türkmenistanyň döwlet migrasiýa gullugy;
- "Türkmenstandartlary" baş döwlet gullugy.
- "Türkmenhimiýa" döwlet konserni;
- Türkmenistanyň Söwda-senagat palatasy;
- "Türkmenawtoulaglar" agentligi
- "Türkmenhowaýollar" agentligi
- Türkmenistanyň Senagatçylar we Telekeçiler Birleşmesi

Töwekgelçilikler we çaklamalar

GARAŞYLÝANLAR:

- Taslamany durmuşa geçirmekde TDGG we beýleki degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralaryň ýolbaşçylarynyň meýilliligi.
- "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň MTT we sebit bölümleriniň işgärleriniň başlangyç synagynyň we açylyşyň tapgyrlaryna meýilliligi we çuňňur gatnaşygyň bolmagy.
- Infrastrukturanyň we maksatnama üpjünçiliginiň degişli enjamlarynyň, MAT öz wagtynda satyn alynmagy.
- TDGG we DGE okadylan işgärleri bütin Taslamanyň durmuşa geçirilmeginiň dowamynda "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň MTT-da öz orunlarynda galýarlar.
- Taslama amala aşyrylanda ähli Taraplaryň netijeli utgaşdyrylmagy.
- ÝUNKTAD şu Taslamanyň çäklerinden daşynda goşmaça ýardam etmäge we goldaw bermäge meýilli.

TÖWEKGELÇILIKLER:

Şu Taslamanyň maksatlaryny gazanmaga täsir edip biljek töwekgelçilikleriň arasynda aşakdakylar has ähmiýetlileri bolup duráarlar:

- Taslamany durmuşa geçirmekde TDGG we beýleki degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralaryň ýolbaşçylarynyň ýeterlik bolmadyk meýilliligi.
- TDGG Taslamadan gelip çykýan esasy administratiw/dessin maslahatlar boýunça degişli çäreleri görüp bilmezligi, ýa-da öňde baryjy maksatnamalaryň we tehnologiýalaryň yzygiderli we netijeli ulanylmagyny üpjün etmek üçin ähli bar bolan administratiw usullary ulanyp bilmezligi.
- TDGG gullukdan aýrylmak şerti bilen okuw geçmek üçin işgärleriň zerur bolan sanyny bermäge ukypsyzlygy. Işgärleriň ýygy çalşylmagy.
- ÝUNKTAD, BMGÖM, TDGG we DGE arasynda Taslamanyň esasy çärelerini öz wagtynda amala aşyrmak maksady bilen ýeterlik bolmadyk utgaşmasy.

- ÝUNKTAD we/ýa-da TDGG ulgamyň synag nusgasyny, başlangyç synaglaryny, ulgamyň açylyşyny we giňelmegini döretmek üçin ýokary hünärli bilermenleri bermekde ukypsyzlygy.
- Zerur bolan MAT enjamlarynyň, PÜ we hyzmatlaryň satyn alynmagynyň gijä galmagy ýa-da ÝUNKTAD tarapyndan berlen iň pes tehniki talaplara laýyk gelmeýän MAT enjamlarynyň we PÜ satyn alynmagy.

Bilimleri dolandyrmak

Taslamanyň işiniň netijesinde taslamanyň benefisiarlary tarapyndan alnan bilimler we tejribe TDGG we DGE işgärleriniň mümkinçiliklerini ösdürmek boýunça hereketleriň meýilnamalaryna geçiriler. Taslamanyň çäklerinde ulgamy ulanmak, administrirlemek we hyzmat etmek boýunça okuwlar taýýarlanylar we geçiriler. ÝUNKTAD / BMGÖM bilermenleri ulanyjylaryň dürli derejeleri üçin okuw modullaryny taýýarlarlar we pilotirlemek tapgyrynda çekilen DGE we TDGG ahyryy ulanyjyarynyň okuwlaryny geçirerler.

ÝUNKTAD / BMGÖM bilermenleri "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň wezipeleýin mümkinçiliklerini beýan edip, ahyrky ulanyjyar we ulgam administratorlary üçin resminamalary taýýarlarlar we ýaýradarlar.

Durmukly ösüş we ýaýratmak

Taslamanyň mazmunyny, hyzmatdaşlyk gatnaşyklary we taslama çäreleriň durmuşa geçirilmegini hasaba almak, taslama tamamlanandan soňra netijeleriň durnuklylygy aşakdakylar arkaly kesgitlenilen ugurlar boýunça taslama çäreleriň netijelerini ornaşdyrmak boýunça bilelikdäki iş bilen üpjün edilýär:

- Ýerli derejede dürli eýeçilik görnüşli degişli gurluşlaryň gyzyklanmagy we sazlaşykly işi;
- Taslamanyň netijeleriniň integrasiýasy "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamlarynyň/düzüminiň bir hataryny sazlamaga we ileri tutulýan ugurlarda, şol sanda halkara söwdada, eksporty höweslendirmekde, ilatyň saglygyny goramakda, ekologik we azyk howpsuzlykda ornaşdyrmaga kömek eder. Taslama Türkmenistanyň halkara söwda gatnaşmagyna bolan mümkinçiliginiň berkidilmegine, DYI gatnaşyjylary üçin işewürlik şertleriň gowulanmagyna hem-de ýurduň işewürlik we maýa goýum ösüşiniň ýokarlanmagyna ýardam eder.

IV. TASLAMANY DOLANDYRMAK

Harajatlaryň netijeliligi we netije berijilik

Taslamanyň netijeliligini we netije berijilgini üpjün etmek maksady bilen, çemeleşmeleriň bir hatary ulanyldy, hususan-da:

- Umuman, taslamanyň, şeýle hem onuň aýratyn düzümleriniň logikasy netijä gönükdirilen dolandyryş ýörelgelerinde gurlandyr. Taslamanyň durmuşa geçirilmegi dolandyrmagyň mehanizmleri, şol sanda serişdeleri bilen üpjün etmek, monitoring we baha bermek, taslamanyň ähli derejelerinde garaşylýan netijeleri bilen ylalaşylan we ýeke-täk bitewi gurluşy düzýärler;
- Taslamanyň esasy netijesi - "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamyny ornaşdyrmak boýunça Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň dessin we tehniki mümkinçiliklerini berkitmek hem netijä gönükdirilen dolandyryş ýörelgelerine laýyklykda kesgitlenilendir;
- Taslamanyň işi taslamanyň durmuşa geçirilýän döwründe amala aşyrylýan ösüşiň döwlet maksatnamalara we milli strategiýalara, we olaryň netijelerine laýyklykda sazlanylar.

Taslamany dolandyrmak

"Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň taslama topary, şol sanda ÝUNKTAD / BMGÖM bilermenleri Taslamanyň işiniň bütin dowamynda, Türkmenistanyň beýleki şäherlerine iş saparlaryny amala aşyrmak bilen, Aşgabat şäherinde TDGG Merkezi edarasynda ýerleşer, ol ýerde TDGG tarapyndan tassyklanylan tertibe laýyklykda ulgam ornaşdyrylar.

Taslamany dolandymak ulgamy 3 derejeden ybarat:

1. Strategik dolandyryş;
2. Dessin dolandyryş we utgaşdyrma;
3. Monitoring we baha bermek ulgamy (Taslama resminamasynyň VI bölümi).

Milli ýerine ýetirijiligiň modallygynda amala aşyrylýan Taslamany durmuşa geçirmek üçin goldaw diňe Milli ýerine ýetiriji hyzmatdaşyň buýurmasy boýunça BMGÖM tarapyndan berlip bilinýändigi sebäpli, taraplar Taslama resminamasynyň bellenilen tertipde Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginde bellige alynjakdygy barada ylalaşdylar.

Bu taslamada, taslama toparyndan başga-da, taslamanyň durmuşa geçirilmegi boýunça dessin gözegçilik etmek we taslamanyň beýleki şuňa meňzeş başlangyçlar we taslamalar bilen baglanyşygyny üpjün etmek BMGÖM ýurt edarasynyň programma işgärleri: BMGÖM programma müdirýetiniň başlygy we Programma Analitigi tarapyndan amala aşyrylar.

Programma işgärleriniň hyzmatlaryndan başga-da, BMGÖM ýurt edarasy III Goşundyda sanalyp geçilen administratiw hyzmatlary hem ýerine ýetirer.

Programma işgärleriniň ýokarda görkezilen işlerini, şeýle hem BMGÖM ýurt edarasynyň administratiw hyzmatlaryny ýerine ýetirmek üçin harajatlaryň bahasy çykdajylaryň şu derejesi üçin býujetde bellenilen çäkden ýokary geçmeýän möçberde öwezi dolunar (VII bölüm). BMGÖM programma müdirýetiniň başlygynyň, Programma analitiginiň hyzmatlarynyň, BMGÖM ýurt edarasynyň administratiw hyzmatlarynyň bahasy III Goşunda laýyklykda öwezi dolunar. Bu hünärmenleriň wezipe borçlaryna laýyklykda wezipelerine gözegçilik BMGÖM Hemişelik wekiliniň w.ý.ý tarapyndan amala aşyrylýar.

BMGÖM Türkmenistanda taslamanyň umumy býujetine gözegçiligi we dolandyryşy amala aşyrar, şeýle hem taslamanyň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek we donora öz wagtynda hasabat bermek üçin jogapkärçilik çeker. Mundan başga-da, BMGÖM ýurtda hereket edýän beýleki başlangyçlar we guramalar bilen utgaşdyrylmagy we arabaglanyşygy goldar.

V. NETIJELERIŇ WE SERIŞDELERIŇ GURLUŞY

2021-2025 ýý. üçin Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasynda durnukly ösüş pudagynda hyzmatdaşlygyň çarçuwa maksatnamasynyň kesgitlemesinde garaşylýan netije

Netije 2: 2025-nji ýyla bäsdeşlige ukyply hususy we maliýe pudaklaryny ösdürmek, söwda ýardam etmek we maýa goýumlary çekmek, şeýle hem innowasiýa tehnologiýalary ornaşdyrmak arkaly ykdysadyýetiň durnukly we aýratyn diwersifikasiýasy üçin şertler gowulandyrylar

2021-2025 ýý. üçin Ýurt Maksatnamasynyň resminamasynda görkezilişi ýaly Netijeleriň görkezijileri, Netijäniň Gurluşy, şol sanda başlangyç görkeziji we maksatlaýyn görkezijiler:

2.1 aralyk netije: Döwlet edaralary we hususy pudak diwersifikasiýa etmek, sanlylaşdyrmak hem-de aýallary we ejiz toparlary goşmak bilen, iş orunlary döretmäge aýratyn üns bermek bilen, söwda ýardam etmek boýunça maksatnamalary amala aşyrmak üçin yzygiderli, institusional we işgärler mümkinçilikleri berkitdiler.

2.1.1 görkeziji: Söwda pudagyna mümkinçilikleri ösdürmek, oňaýly maýa goýum şertlerini döretmäge ýardam etmek we işewürlik gurşawyny kämilleşdirmek üçin işlenilip taýýarlanylan syýasatyň, kadalaşdyryjy namalaryň we mehanizmleriň çäreleriniň möçberi

Başlangyç görkeziji: 1

Maksatlaýyn görkeziji: Azyndan 5 (2025)

Maglumat çeşmesi: Taslamalary durmuşa geçirmek barada hasabatlar, milli hyzmatdaşlaryň hasabatlary

2.1.2 görkeziji: Söwda pudagynda mümkinçilikleri, maýa goýum şertleri we işewürlik gurşawy ösdürmek pudagynda tassyklanylan başlangyçlaryň möçberi

Başlangyç görkeziji: 0

Maksatlaýyn görkeziji: Azyndan 5 (2025)

Maglumat çeşmesi: Taslamalary durmuşa geçirmek barada hasabatlar, milli hyzmatdaşlaryň hasabatlary

BMGÖM strategiki meýilnamasyndan ulanarlykly gönüden-göni netije:

Netije 1. Garyplygyň ähli görnüşlerinde we ölçeglerinde yok edilmegine ýardam etmek

Taslamanyň ady we belgisi: Eksport-import amallary üçin Bir penjire

Garaşylýan netijeler	Görkezijiler	Maglumat çeşmesi	Başlangyç maglumatlar		Maksatlaýyn görkezijiler			MAGLUMATLARY ÝYGNAMAGYŇ USULLARY
			Ady	Ýyl	Ýyl 1	Ýyl 2	Ýyl 3	
Eksport-import amallary üçin Bir penjire mehanizminiň synag nusgasynyň başlanmagy	*1.1 BP portalyň wezipeleri*	*ÝUNKTAD BMGÖM, TDGG, DGE*	• *BP web-saýty* • *TDGG we DGE Hasabatlary* *Söwda bileleşikleri*	*2020*	*30%*	*30%*	*40%*	• • *Statistiki seljerme* • *Hasabatlaryň beýany* • *Gepleşik/Sorag-jogaplar*

	1.2 BP synag nusgasynyň işlenilip taýýarlanylan düzümleri	*ÝUNKTAD, BMGÖM, TDGG, DGE*	• *Daşary söwda şertnamalaryny hasaba almagyň elektron tertibi* • *Elektron fitosanitar we weterinariýa şahadatnamalary*	*2020*	*30%*	*30%*	*40%*	• *Ulanyjynyň gollanmasy* • *Bukletler / Maglumatlar* • *Loglaryň seljermesi* • *Hasabatlaryň beýany* • *Statistiki seljerme*
	1.3 TDGG we DGE tarapyndan işlenilip taýýarlanylan gurluş, dessin we amal üýtgetmeler	*ÝUNKTAD, BMGÖM, TDGG, DGE*	• *Resminamalaryň taslamasy* • *TDGG we DGE dolandyryş we dessin hasabatlary*	*2020*	*30%*	*30%*	*40%*	• *Taslama resminamalarynyň beýany* • *Hasabatlaryň beýany*
	1.5 TDGG we DGE BP taslama topary ulgamy ulanmak, administrirlemek we hyzmat etmek üçin taýýarlanylan	*ÝUNKTAD ,BMGÖM, TDGG, DGE*	• *TDGG we DGE dolandyryş we dessin hasabatlary* • *TDGG we DGE hasabatlary*	*2020*	• *Ýok*	• *Haw a*	• *Hawa*	• *Hasabatlaryň beýany* • *Okuwlara gatnaşmagyň sanawlary; Okuwlaryň sanawy*
	1.6 ÝUNKTAD-nyň awtomatlaşdyrylan gümrük platformasy bilen integrirlenen BP synag nusgasyna başlangyç berildi we açyldy	*ÝUNKTAD ,BMGÖM, TDGG, DGE*	• *TDGG we DGE dolandyryş we dessin hasabatlary* • *Söwda bileleşikleri*	*2020*	• *30%*	• *30%*	• *30%*	• *Hasabatlaryň beýany* • *Statistiki seljerme* • *Okuwlara gatnaşmagyň sanawlary; Okuwlaryň sanawy*
	1.7 Pudagara edaralaryň töwekgelçiliklerini dolandyrmak ulgamy ornaşdyryldy we ulanylýar	*ÝUNKTAD ,BMGÖM, TDGG, DGE*	• *TDGG we DGE dolandyryş we dessin hasabatlary* • *DGE hasabatlary*	*2020*	• *30%*	• *30%*	• *40%*	• *Hasabatlaryň beýany* • *Statistiki seljerme* • *Okuwlara gatnaşmagyň sanawlary; Okuwlaryň sanawy*
	1.8 TDGG we DGE ýolbaşçylary BP ulgamyndan hasabatlary yzygiderli alýarlar	*ÝUNKTAD ,BMGÖM, TDGG, DGE*	• *TDGG we DGE dolandyryş we dessin hasabatlary*	*2020*	• *Ýok*	• *Haw a*	• *hawa*	• *Hasabatlaryň beýany* • *Statistiki seljerme*
	1.9 BP beýleki ýurtlar bilen maglumatlary alyş-çalyş etmäge taýýar	*ÝUNKTAD ,BMGÖM, TDGG, DGE*	• *Dolandyryş we dessin hasabatlary e TDGG we DGE hasabatlary* • •	*2020*	• *Ýok*	• *Haw a*	• *Hawa*	• *Hasabatlaryň beýany* • *Statistiki seljerme*

Eksport-import amallary üçin Bir penjire ulgamynyň başlanmagynyň we ornaşdyrylmagynyň utgaşdyrmasynyň mehanizmi döredildi (BMGÖM)	*2.1 "Eksport-import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň işiniň degişli ministrlikleri we pudaklaýyn edaralary çekmek bilen utgaşdyrmasy üçin Pudagara toparynyň döredilmegi*	*ÝUNKTAD ,BMGÖM, TDGG, DGE*	• *Toparyň işini we düzümini sazlaýan kadalaşdyryjy resminama* •	*2020*	• *Haw a*	• *Haw a*	• *Hawa*	• *Geňeşiň beýannamasy*
	2.2 TDGG, DGE we işewürlik birleşikleri üçin gurnalan BP okuwlarynyň möçberi	*BMGÖM, ÝUNKTAD , TDGG, DGE*	• *TDGG we DGE hasabatlary* • *Söwda bileleşikleri*	*2020*	• *3*	• *3*	• *3*	• *Hasabatlaryň beýany* • *Gepleşik/Sorag-jogaplar*
	2.3 BP ulanyjynyň gollanmasy we okuw maglumatlary	*BMGÖM, ÝUNKTAD , TDGG, DGE*	• *Ulanyjynyň gollanmasy* • *Okuw maglumatlary*	*2020*	• *Ýok*	• *Haw a*	• *Hawa*	• *Ulanyjynyň gollanmasynyň we okuw maglumatlarynyň beýany*

VI. GÖZEGÇILIK WE BAHA BERMEK

Gözegçilik meýilnamasy :

Gözegçilik işleri	Maksat	Döwür	Garaşylýan hereket
Netijelere tarap yzarlaň	Netijeler we çeşmeler çarçuwasyndaky (RBR) netijeler görkezijilerine garşy taslamanyň gidişi baradaky maglumatlar ýygnalar we taslamanyň ylalaşylan netijelere tarap gidişine baha bermek üçin seljeriler.	Çärýekde ýa-da her görkeziji üçin zerur ýygylykda.	Ösüş garaşylýandan has haýal bolsa, mesele taslamanyň ýolbaşçylary tarapyndan gözden geçiriler.
Töwekgelçiliklere gözegçilik etmek we dolandyrmak	Göz öňünde tutulan netijelere ýetmek üçin howp döredip biljek anyk töwekgelçilikleri kesgitläň. Töwekgelçilik gündeligini ulanyp, töwekgelçilikleri dolandyrmak çärelerini kesgitläň we gözegçilikde saklaň. Munuň özi BMGÖM-iň durmuş we daşky gurşaw ülňülerine laýyklykda talap edilip bilinjek gözegçilik çärelerini we meýilnamalaryny öz içine alýar. Gözegçilik, maliýe töwekgelçiligini dolandyrmak üçin barlaglary geçirmek üçin BMGÖM amallaryna laýyklykda geçiriler.	Çärýek	Töwekgelçilikler taslamany dolandyrmak bilen kesgitlenýär we töwekgelçilikleri dolandyrmak üçin çäreler görülýär. Kesgitlenen töwekgelçilikleri we görülýän çäreleri yzarlamak üçin töwekgelçilik gündeligi işjeň saklanýar.
Okuw	Bilimler, iň oňat tejribeler we sapaklar yzygiderli guralar. Mundan başga-da, beýleki taslamalardan we hyzmatdaşlardan kabul ediler we bu taslama goşular.	Iň bolmanda her ýyl	Degişli sapaklar taslama topary tarapyndan alynýar we habarly dolandyryş kararlaryny almak üçin ulanylýar.
Taslama boýunça işleriň ýyllyk hil kepilligi	Taslamanyň hili, taslamanyň güýçli we gowşak taraplaryny kesgitlemek we taslamany gowulandyrmak üçin habarly dolandyryş kararlaryny kabul etmek üçin BMGÖM-iň hil standartlaryna garşy baha berler.	Her ýyl	Güýç we gowşak taraplar taslamany dolandyrmak tarapyndan göz öňünde tutular we taslamanyň ýerine ýetirilişini gowulandyrmak üçin habarly karar bermek üçin ulanylar.
Işiň ugruny gözden geçiriň we sazlaň	Maglumatly karar bermek üçin ähli gözegçilik çäreleri baradaky maglumatlary we bar bolan delilleri içerki gözden geçirmek	Iň bolmanda her ýyl	Taslamanyň ýerine ýetiriş maglumatlary, töwekgelçilikler, sapaklar we hil taslamanyň dolandyryş komiteti tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylar we çäreleri sazlamak üçin ulanylar
Taslamanyň gidişi barada hasabat	Öňe gidişlik hasabaty Taslamanyň ýolbaşçy komitetine we esasy gyzyklanýan taraplara hödürlener we elýeterli derejedäki öňünden kesgitlenen ýyllyk maksatlara garşy ösüşi görkezýän ösüş maglumatlary , ýyllyk taslama hiliniň gysgaça mazmuny, çäreler bilen täzelenen töwekgelçilik gündeligi bolar. Gowşatmak we şol	Çärýek we taslamanyň ahyrynda (jemleýji hasabat)	

	döwürde taýýarlanan islendik baha bermek ýa-da gözden geçirmek hasabatlary.		
Taslama syn	Her ýyl we taslamanyň ahyrynda (jemleýji hasabat)	Her ýyl	Ähli hil meselesi ýa-da garaşylýan ösüşden has haýal, Taslamanyň ýolbaşçy komiteti tarapyndan ara alnyp maslahatlaşylmaly we kesgitlenen meseleleri çözmek üçin dolandyryş çäreleri utgaşdyrylmaly.

Baha bermek meýilnamasy :

Bahalandyrmagyň ady	Hyzmatdaşlar (bar bolsa)	Degişli strategiki meýilnamanyň netijesi	UNDAF / CPD netijesi	Meýilleşdirilmegiň gutarýan senesi	Baha bermekde esasy gyzyklanýan taraplar	Bahasy we maliýeleşdirmegiň çeşmesi
Jemleýji taslama baha bermek				Işiň bes edilmeginden azyndan üç aý öň	Taslama gatnaşyjylar	2 000 ABŞ-nyň dollary

VI. KÖPÝYLLYK IŞ MEÝILNAMASY

Garaşylýan netijeler	Meýilleşdirilen çäreler	Möhletler			Jogapkär tarap	Meýilleşdirilen býujet		
		2021	2022	2023		Maliýeleşdiriş çeşmesi	Býujetiň beýany	Jemi bahasy (ABŞ dollary)
Netije 1 Eksport-import amallary üçin Bir penjire ulgamynyň synag görnüşi işe girizildi	1.1 Eksport-import amallarynyň gözegçiligi boýunça kanunçylyk namalarynyň, amallaryň, resminamalaryň we edaralara iş-amallaryň seljermesi we olaryň gowulamak boýunça maslahatlary işläp taýýarlamak				ÝUNKTAD	Türkmenistanyň Hökümeti	61300 – Halkara hünärmenler 71600 – Iş saparlary üçin çykdajylar	180,000.00 40,000.00
	1.2 Enjamlara, MAT infrastrukturasyna we Programma Üpjünçiligine bolan zerurlyklary kesgitlemek				ÝUNKTAD	Türkmenistanyň Hökümeti	61300 – Halkara hünärmenler 71600 – Iş saparlary üçin çykdajylar	180,000.00 40,000.00
	1.3 TDGG merkezi edarasynda ASYCER esasy modulyny gurnamak				ÝUNKTAD	Türkmenistanyň Hökümeti	61300 – Halkara hünärmenler 71600 – Iş saparlary üçin çykdajylar	180,000.00 40,000.00
	1.4 ASYCER we E-penjiräniň beýleki komponentleriniň kostomizasiýasy				ÝUNKTAD	Türkmenistanyň Hökümeti	61300 – Halkara hünärmenler 71600 – Iş saparlary üçin çykdajylar	180,000.00 40,000.00
	1.5 E-penjiresini peýdalanyjylaryň toparyny emele getirmek				ÝUNKTAD	Türkmenistanyň Hökümeti	72200 – Enjamlar we mebel	5,000.00

	1.7 E-penjire portalynyň kostomizasiýasy				ÝUNKTAD	Türkmenistanyň Hökümeti	61300 – Halkara hünärmenler 71600 – Iş saparlary üçin çykdajylar	180,000.00 40,000.00
	1.8 TDGG-da we DGE-da E-penjiräniň komponentleriniň synagy				ÝUNKTAD	Türkmenistanyň Hökümeti	61300 – Halkara hünärmenler 71600 – Iş saparlary üçin çykdajylar	180,000.00 40,000.00
	1.9 TDGG-niň we DGE-niň desgalarynda E-penjiräniň komponentleriniň ilkinji synagy				ÝUNKTAD	Türkmenistanyň Hökümeti	61300 – Halkara hünärmenler 71600 – Iş saparlary üçin çykdajylar	180,000.00 40,000.00
	1.10 Synaglaryň netijesi boýunça E-penjiräniň komponentleriniň düzedilişi				ÝUNKTAD	Türkmenistanyň Hökümeti	61300 – Halkara hünärmenler 71600 – – Iş saparlary üçin çykdajylar	180,000.00 40,000.00
	1.11 Komponentleriň ilkinji synaglary we ilkinji synaglaryň netijeleriniň kabul edilişi				ÝUNKTAD	Türkmenistanyň Hökümeti	61300 – Halkara hünärmenler 71600 – Iş saparlary üçin çykdajylar	180,000.00 40,000.00
	1.12 E-penjire ulgamyny işe taýýarlamak				ÝUNKTAD	Türkmenistanyň Hökümeti	61300 – Halkara hünärmenler 71600 – Iş saparlary üçin çykdajylar 74200 –Audio/ wideo/ çap edilýän önümler 72500 – Edara serişdeleri	180,000.00 40,000.00 5,500.00 3,500.00
Netije 1 boýunça jemi:								**2,214,000.00**
Umumy dolandyryş goldawy (ÝUNKTAD), 8%						Türkmenistanyň Hökümeti	75100 – Hyzmatlar we iş dolandyryş	177,120.00
Netije 1 boýunça JEMI, şol sanda umumy dolandyryş ýardamy (ÝUNKTAD), 8%								**2,391,120.00**

Netije 2 Eksport-import amallary üçin Bir penjire ulgamynyň ilkinji synagyny we işe ornaşdyrylmagyny utgaşdyrmagyň mehanizmi döredildi	2.1 «Eksport-import amallary üçin Bir penjire» ulgamynyň işini utgaşdyrmak üçin degişli ministrlikleri we pudaklaýyn edaralary çekmek bilen Pudakara toparyny döretmek.				BMGÖM	Türkmenistanyň Hökümeti		
	2.2 Eksport-import amallarynyň gözegçiligi boýunça kanunçylyk namalarynyň, amallaryň, resminamalaryň we pudakara iş-amallaryň seljermesi we olaryň gowulamak boýunça maslahatlary işläp taýýarlamak				BMGÖM	Türkmenistanyň Hökümeti	71300– Ýerli hünärmenler	100,000.008
	2.3 TDGG we DGE ýolbaşçylary üçin E-penjire boýunça tanyşdyryş iş sapary				BMGÖM	Türkmenistanyň Hökümeti	75700 – Okuw seminary, konferensiýa	18,150.00
	2.4 MTT/PГ agzalaryny ASYCER wezipesi boýunça okamak (başlangyç dereje)				BMGÖM	Türkmenistanyň Hökümeti	75700 – Okuw seminary, konferensiýa	50,000.00
	2.5 ASYCER türkmen we rus dillerine terjime etmek (Türkmenistanyň adalgalaryny anyklamak)				BMGÖM	Türkmenistanyň Hökümeti	74200 –Terjime üçin çykdajylar/ promo serişdeleri	4,500.00
	2.6 Enjamlar, MAT infrastrukturasy we MAT programma üpjünçiligi bilen üpjün etmek				BMGÖM	Türkmenistanyň Hökümeti	72300-Enjamlar	500,000.00
	2.7 E-penjiräniň komponentleriniň hünärmenlerini tehnologiki taýdan okatmak (ýokary dereje, başdaky kod bilen işlemek)				BMGÖM	Türkmenistanyň Hökümeti	75700 – Okuw seminary, konferensiýa	50,000.00

	2.8 Türkmenistanyň işewür jemgyýetçiligi üçin tanyşdyryş çäreleri				BMGÖM	Türkmenistanyň Hökümeti	71600 – Iş saparlary üçin çykdajylar	9,240.00
	2.9 Okuw serişdelerini taýýarlamak				BMGÖM	Türkmenistanyň Hökümeti	71300– 3 sany ýerli maslahatçy 74200 – Audio/ wideo/ çap edilýän önümler	113,000.00 15,000.00
	2.10 Bir penjiräniň milli konfigurasiýasynyň kesgitlenilişi				BMGÖM	Türkmenistanyň Hökümeti	71300– Ýerli maslahatçy	100,000.00
Netije 2 boýunça jemi:								**959,890.00**
Taslamany dolandyrmak	Taslamanyň ýolbaşçysy				BMGÖM	Türkmenistanyň Hökümeti	71400 – Şertnama boýunça hyzmatlar	92,535.48
	Dolandyryş we maliýe meseleleri boýunça kömekçi				BMGÖM			29,245.32
	Iş serişdeleri				BMGÖM	Türkmenistanyň Hökümeti	72500 – Edara serişdeleri	1,800.00
	Aragatnaşyk we internet				BMGÖM	Türkmenistanyň Hökümeti	72400 – Aragatnaşyk hyzmatlary, aragatnaşyk serişdeleri	9,216.00
	Taslamany ýerine ýetirmek boýunça BMGÖM tarapyndan goldaw				BMGÖM	Türkmenistanyň Hökümeti	64300 – BMGÖM gönümel çykdajylary 74500 – Bank çykdajylary	10,900.00
	Taslamanyň jemleýji seljermesi				BMGÖM	Türkmenistanyň Hökümeti	61300-Halkara maslahatçysy 71600 – Iş saparlary üçin çykdajylar	20,000,00
Netije 2 boýunça jemi we Taslamany dolandyrmak:								**1,123,586.80**
Umumy dolandyryş goldawy (BMGÖM), 7%:						Türkmenistanyň Hökümeti	75100 – Hyzmatlar we iş dolandyryş	246,029.48

Netije 2 boýunça JEMI we Taslamany dolandyrmak, şol sanda umumy dolandyryş ýardamy (BMGÖM), 7%:	**1,369,616.28**
TASLAMA BOÝUNÇA JEMI	**3,760,736.28**

VII. ÝOLBAŞÇYLYK WE DOLANDYRYŞ MEHANIZMLERI

BMG Ösüş Maksatnamasy taslamanyň Ýerine ýetirijisi bolup durýar. Taslama BMGÖM-nyň düzgünlerine we amallaryna laýyklykda BMGÖM-nyň ýurt edarasynyň goldawy bilen milli ýerine ýetiriş tertibinde durmuşa geçiriler. Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy (TDGG) esasy Milli Ýerine Ýetiriji hyzmatdaş hökmünde çykyş edýär. Taslama işleriniň üstünlikli ýerine ýetirilişine, gazanylan üstünlikleriň dowamlylygyna Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy jogap berer, şeýle hem bu gulluk taslamanyň netijeleri hakynda Türkmenistanyň beýleki döwlet edaralarynyň öňünde hasabat berýär. Aýratyn hem, Milli Ýerine Ýetiriji hyzmatdaş taslamanyň uzak möhletleýin netijeleriniň Türkmenistanyň strategik resminamalarynda (Türkmenistany 2019-2025-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmek boýunça Prezident Maksatnamasy we ş.m.-ler) görkezilen ösüş maksatlaryna laýyk gelmegine jogap berýär. ÝUNKTAD taslama jogap berýän tarap hökmünde çykyş edýär. Şunuň bilen baglylykda BMGÖM bilen ÝUNKTAD-yň arasynda degişli ylalaşyklara gol çekiler.

Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy Ýerine Ýetiriji hyzmatdaşyň adyndan taslamany durmuşa geçirmäge jogap berjek Taslamanyň Milli Utgaşdyryjysy (TMG) hökmünde uly wezipeli şahsy belleýär.

Taslamanyň başlangyç tapgyrynda BMGÖM, ÝUNKTAD we Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy Taslamanyň Utgaşdyryş Geňeşiniň (TUG) düzgünleşdiriji resminamalaryny, şol sanda agzalaryň sanawyny we iş tertibini bilelikde işläp taýýarlaýar. TUG taslama boýunça dolandyryş çözgüdiniň konsensusyň esasynda kabul edilmegine jogap berýär. TUG taslamanyň strategiki dolandyryşynyň esasy subýektidir. TUG taslamany durmuşa geçirmek bilen bagly meseleleri ara alyp maslahatlaşmak üçin azyndan ýylda iki gezek geçiriler.

TMK TUG-niň wekilidir. TUG-niň ses bermäge hukugy bolan agzalary Milli Ýerine Ýetiriji hyzmatdaşyň, BMGÖM-iň, ÝUNKTAD-yň we Pudagara Iş toparynyň wekilleri bolup durýar.

"Eksport import amallary üçin Bir penjire" ulgamynyň işlerini sazlamak boýunça Pudagara Iş toparyna ähli degişli ministrlikleriň we pudaklaýyn edaralaryň ýolbaşçylarynyň orunbasarlarynyň derejesindäki "Bir penjire" ulgamynyň işine çekilen ähli ministrlikler we pudaklaýyn edaralar girer.

Mundan başga-da, iş toparynyň ýanynda Pudagara iş toparynyň agzalary bolan ministrligiň we pudaklaýyn edaralaryň her birinden degişli dolandyryşynyň we bölümleriniň başlyklaryndan ybarat bolan esasy 3 ugur, ýagny hukuk, tehniki we işgärler düzümi boýunça Pudagara iş topary hem işlär.

Pudagara iş toparynyň mejlisi her ýyl azyndan iki gezek geçiriler. Pudagara işçi toparynyň mejlisi her çärýekde azyndan bir gezek geçiriler. Zerurlyk ýüze çykanda, Pudagara iş topary we Pudagara iş topary adatdan daşary mejlisler üçin çagyrylar.

Pudagara iş toparynyň we Pudagara işçi toparynyň mejlislerindäki çözgütler sesleriň köplügi boýunça kabul ediler. Pudagara iş toparynyň mejlislerinde kabul edilen çözgütler Pudagara işçi topary tarapyndan hökman berjaý edilmeli bolar.

TUG-e gatnaşmak üçin beýleki gyzyklanlanýan taraplaryň wekilleri gözegçi hukugynda çagyrylyp bilner.

TUG-niň ýerine ýetiriji kätibi taslamanyň ýolbaşçysy bolup, ses bermäge hukugy bolmazdan TUG-niň agzasy hökmünde mejlislere gatnaşýar we TUG-niň mejlisiniň taýýarlygyna we mejlisiň teswirnamasynyň ýöredilişine jogap berýär.

Taslamanyň netijeleri üçin BMGÖM-nyň hökmany jogapkärçiligini üpjün etmek maksady bilen, TUG-niň çözgüdi bahanyň we hiliň, adalatylygyň, bütewiligiň, aýdyňlygyň we netijeli bäsdeşligiň iň gowy gatnaşyklaryny öz içine alyp, ösüş netijelerini gazanmak üçin oýlanyşykly dolandyryşy üpjün edýän standartlara laýyklykda kabul ediler.

Taslamanyň BMGÖM tarapyndan strategiki dolandyryş derejesi BMGÖM-nyň Türkmenistandaky ýurt edarasy arkaly üpjün edilýär. Bu derejede Türkmenistan bilen Birleşen Milletler Guramasynyň arasyndaky 2021-2025-nji ýyllar üçin ygtybarly ösüş pudagyndaky hyzmatdaşlygyň Çarçuwaly maksatnamasynyň taslamasynyň uzak möhletleýin netijeleriniň Durnukly Ösüş Maksadyna (DÖM) we 2021-2025-nji ýyllarda Türkmenistan üçin BMGÖM-nyň ýurt maksatnamasynyň Resminamasyna laýyklygy üpjün edilýär.

Dessin dolandyryşyň esasy derejesi – taslamanyň Ýolbaşçysy. Taslamanyň topary taslamanyň Ýolbaşçysyndan we Kömekçisinden ybarat.

Çäkli ugurly ýumuşlary berjaý etmek, zerur ekspertiza ygtyýar bermek we taslamanyň netijeliligini artdyrmak üçin halkara we milli bilermenler çekiler. BMGÖM-nyň amallaryna laýyklykda gysga möhletleýin hünärmenler hakyna tutular.

Taslamanyň çäginde edinilen emläkler BMGÖM-nyň düzgünleri we amallary boýunça TUG-niň çözgüdine laýyklykda taslama tamamlanandan soň tabşyrylar.

TASLAMANYŇ GURLUŞY



IX. HUKUK KONTEKSTI WE HOWPLARY DOLANDYRYŞ

Taslamanyň şu Resminamasy hökmünde 1993-nji ýylyň 5-nji oktýabrynda Türkmenistanyň hökümeti bilen BMGÖM-nyň arasynda gol çekilen Ýardam Bermek hakyndaky Standart Esasy Ylalaşygy (ÝBSEY) hasaplanmaly, onuň 1-nji Maddasynda bar bolan "Ýerine ýetiriji agentlige" degişli salgylanma "Ýerine ýetiriji hyzmatdaş" diýlip okalmalydyr.

Bu taslama "Hyzmatdaş-ýerine ýetiriji" bolan Türkmenistanyň döwlet gümrük gullugy tarapyndan BMGÖM-nyň goldawy bilen BMGÖM-nyň maliýe düzgünnamalaryna we düzgünlerine laýyklykda bahanyň, adalatylygyň, akýürekliliginiň, aýdyňlygyň we netijeli halkara bäsdeşliginiň amatly gatnaşygyny üpjün etmek maksady bilen amala aşyrylar.

X. HOWPLARY DOLANDYRYŞ

1. ÝBSEY-nyň 3-nji Maddasyna laýyklykda Ýerine ýetiriji hyzmatdaşyň, onuň işgärleriniň we emläkleriniň, şeýle hem BMGÖM-nyň Ýerine ýetiriji hyzmatdaş tarapyndan ulanylýan emläkleriniň gorag çäreleri we howpsuzlygyny üpjün etmek boýunça jogapkärçiligi Ýerine ýetiriji hyzmatdaşa ýüklenýär. Bu borçnamalary berjaý etmek üçin Ýerine ýetiriji hyzmatdaş hökmany suratda:

a) Taslamanyň durmuşa geçirilýän ýurtdaky howpsuzlyk ýagdaýy göz öňünde tutup, degişli howpsuzlyk meýilnamasyny işläp taýýarlamaly we howpsuzlyk meýilnamasyny goldamaly;

b) Ýerine Ýetiriji Hyzmatdaşyň howpsuzlygy we howpsuzlygy üpjün ediş meýilnamasyny doly durmuşa geçirmek bilen baglanyşykly ähli howplary we borçnamalary öz üstüne almaly.

2. BMGÖM-nyň şunuň ýaly meýilnamany we zerurlyk ýüze çykanda, oňa üýtgetme girizmek boýunça teklipleri işläp taýýarlamaga hukugy bar. Ýokardaky düzgünnama laýyklykda meýilnamanyň döwrebaplygyny we onuň doly durmuşa geçirilişini üpjün etmek boýunça çäreleriň görülmezligi taslamanyň bu Resminamasynyň çäginde Ýerine ýetiriji hyzmatdaşyň borçnamalarynyň bozulmagy hasaplanýar.

3. Taslamanyň bu Resminamasy bilen baglanyşykly edinilen BMGÖM-nyň serişdeleriniň hiç bir böleginiň terrorçylyk hereketleri bilen bagly aýratyn şahslary ýa-da guramalary saklamak üçin ulanylmazlygy üçin ähli zerur çäreleri görmek babatynda we 2167 (1999) rezolýusiýasyna laýyklykda Howpsuzlyk Geňeşiniň Komiteti tarapyndan düzülen sanawda taslamanyň bu Resminamasy bilen baglanyşykly BMGÖM tarapyndan tölenen serişdelerini alanlaryň ýoklugy bilen Ýerine ýetiriji hyzmatdaş ylalaşýar.

4. BMGÖM Taslamany durmuşa geçirmäge potratçy ýa-da kömekçi potratçy we olaryň işgärler düzümi hökmünde gatnaşýan Ýerine ýetiriji hyzmatdaş, onuň her bir jogapkär tarapy, olaryň degişli kömekçi resipiýentleri we beýleki subýektleri, şeýle hem taslamanyň bu Resminamasyna laýyklykda hyzmaty hödürleýän islendik şahs tarapyndan ýetirilýän jynsy mejbur etmelere we zorluklara çydamajagyny kabul edýär we onuň bilen bu babatda ylalaşýar.

(a) Taslamanyň bu Resminamasyna laýyklykda çäreler geçirilýän wagty Ýerine ýetiriji hyzmatdaş we onuň ýokarda agzalan her bir jogapkär tarapy Baş kätibiň 09.10.2003 ý. senesindäki "Jynsy zorluklardan we masgaralamakdan goramak boýunça ýörite çäreler" (JZMGBÝÇ) hakyndaky ST/SGB/2003/13 belgii Habarnamasynda beýan edilen özüňi alyp barmagyň standartlaryny berjaý etmeli.

(b) Mundan başga, taslamanyň bu Resminamasynyň çäginde işler geçirilende, işi ýerine ýetirmäge päsgel berýän beýleki düzgünnamalaryň, düzgünleriň, çäreleriň we amallaryň ulanylmagyny çäklendirmezden Ýerine ýetiriji hyzmatdaş we onuň ýokarda agzalan hiç bir jogapkär tarapy jynsy mejbur edilmäniň hiç bir görnüşine (JM) sezewar bolmaly däl. JM göwne degme ýa-da kemsitme ýaly garaşmaga ýa-da kabul etmäge esasy bolan jynsy häsiýetli islendik mejbury hereket hasaplanýar we haçanda şeýle hereketler işe goşulanda, olar işe ýerleşdirmekliginiň şerti bolýar ýa-da gorkuzyjy, duşmançylykly ýa-da göwne degiji iş şertini emele getirýär.

5. (a) Taslamanyň bu Resminamasynyň çäginde işler geçirilende, Ýerine ýetiriji hyzmatdaş (öz işi babatynda) özüniň 4-nji maddada agzalan kömekçi taraplaryndan netijeli öňüni alyş we derňew çärelerini görmek maksady bilen az çäkli standartlaryň we amallaryň ýa-da işläp taýýarlaýyş meýilnamasynyň we/ýa-da şeýle standartlaryň we amallaryň ýerine ýetirilmegini talap edýär. Olar jynsy mejbur etmä, zorluga we masgaralamaklyga degişli syýasaty, üstüni açmaga/repressaliýalardan goramaga degişli syýasaty we arz-şikaýat etmegiň mehanizmlerini, düzgün-tertip temmileri we derňewleri öz içine alýar. Şunuň bilen baglylykda, Ýerine ýetiriji

hyzmatdaş aşakdakylary berjaý etmek üçin şeýle kömekçi taraplardan ähli zerur çäreleri geçirmegi talap eder:

i. Işgärleriniň, wekilleriniň ýa-da beýleki islendik şahslarynyň taslamanyň bu Resminamasyna laýyklykda islendik hyzmaty bermäge çekilmeklerine, JM ýa-da JZMGBÝÇ bilen meşgullanmaklaryna ýol bermezlik;

ii. JM-niň ýa-da JZMGBÝÇ-iň öňüni almagyň we olara seslenmegiň soraglary boýunça okuwy işgärlerine we işgärler düzümine hödürlemek, eger 4-nji maddada agzalan Ýerine ýetiriji hyzmatdaş we onuň kömekçi hyzmatdaşlary JM-niň ýa-da JZMGBÝÇ-iň öňüni almagyň soraglary boýunça okuwy entäk guramadyk bolsa, Ýerine ýetiriji hyzmatdaş we onuň kömekçi hyzmatdaşlary BMGÖM-da bar bolan okuw serişdeleri ulanyp biler;

iii. 4-nji maddada agzalan Ýerine ýetiriji hyzmatdaşa we onuň kömekçi hyzmatdaşlaryna habar berlen ýa-da başga usulda duýdurylan JM ýa-da JZMGBÝÇ bilen baglanyşykly gözegçiligi geçirmek, olar we olaryň ýagdaýy hakynda hasabat bermek.

iv. Howpsuz we gizlin ýardamy bermek üçin JM ýa-da JZMGBÝÇ bilen bagly gurbanlary/ejir çekenleri ugratmak; we

v. JM ýa-da JZMGBÝÇ bilen bagly derňewleri geçirmek üçin ýeterlik bolan islendik arzany öz wagtynda we gizlin ýagdaýda hasaba almak we derňemek. Taslamanyň Resminamasynyň çäginde olaryň işleri bilen baglylykda Ýerine ýetiriji hyzmatdaş islendik şeýle arzalar we özleri ýa-da 4-nji maddada agzalan kömekçi hyzmatdaşlarynyň islendigi tarapyndan geçirilen derňewler hakynda BMGÖM-na habar berýär we eger şeýle habar berme (i) derňewiň geçirilmegini, şol sanda, aýratynlykda adamlaryň goragyny we howpsuzlygyny howp astynda goýmaýan we/ýa-da (ii) kanunçylyga garşy gelmeýän bolsa, özüniň ýa-da kömekçi hyzmatdaşlarynyň islendigiň geçirýän derňewi hakynda BMGÖM-na habar berýär. Derňew geçirilenden soň, Ýerine ýetiriji hyzmatdaş derňewiň netijeleri boýunça özleri ýa-da beýleki islendik edara tarapyndan görülen çäreler hakynda BMGÖM-na habar berýär.

b) Ýerine ýetiriji hyzmatdaş şeýle tassyklamany gowşurmak üçin BMGÖM-nyň ýa-da onuň adyndan hereket edýän islendik beýleki tarapyň haýyşy boýunça BMGÖM-ny kanagatlandyrmak üçin ýokarda beýan edilenleri ýerine ýetirendigini belleýär. Ýerine ýetiriji hyzmatdaşyň we onuň 4-nji maddada görkezilen kömekçi taraplarynyň her biriniň ýokarda beýan edilenleri BMGÖM-nyň kesgitlän görnüşinde ýerine ýetirmezligi Taslamany wagtlaýyn saklamak ýa-da ýatyrmak üçin esas hasaplanýar.

6. Durmuş we ekologik durnuklylyk BMGÖM-nyň Durmuş we ekologik ülňülerini (http://www.undp.org/ses) we olar bilen baglanyşykly mehanizmiň hasabatlylygyny (ttp://www.undp.org/secu-srm) ulanmagyň hasabyna ýokarlanar.

7. Ýerine ýetirji hyzmatdaş: (a) BMGÖM-nyň Durmuş we ekologik ülňülerine laýyklykda taslama we maksatnama çäreleri amala aşyrýar; (b) taslamanyň ýa-da maksatnamanyň agzalyp geçilen ülňülere laýyklygyny üpjün etmek maksady bilen taýýarlanylan, dolandyryş ýa-da ýaramaz netijeleri azaltmak boýunça islendik meýilnamalary ýerine ýetirmegi üpjün edýär we (ç) Hasabatlylygyň mehanizminiň çäklerinde ýüze çykýan islendik meseleleri çözmäge ýa-da arzalary düzgünleşdirmäge gönükdirilen işe konstruktiw we öz wagtynda gatnaşýar. BMGÖM bileleşikleriň we taslamanyň beýleki gyzyklanýan taraplarynyň bu barada habarly bolmagyna we Hasabatlylygyň mehanizmine elýeterliliginiň bolmagyna ymtylar.

8. Taslamanyň şu resminamasyna gol çeken ähli taraplar maksatnama ýa-da taslama, ýa-da BMGÖM-nyň durmuş we ekologik standartlaryny berjaý etmek bilen baglanyşykly islendik borçnamalara baha bermek boýunça islendik çäreleriň dowamynda päk ýürekli hyzmatdaşlyk edýärler. Bu, taslamanyň obýektlerine, degişli işgärlere, maglumatlara we resminamalara elýeterliligi üpjün etmegi öz içine alýar.

9. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş taslama durmuşa geçirilende ýa-da BMGÖM-nyň serişdeleri ulanylanda, özüniň wezipeli şahslaryny, hünärmenler, jogapkärçilik çekýän taraplary, kömekçi potratçylary we kömekçi resepiýentleri tarapyndan serişdeleri hyýanatçylykly peýdalanmagynyň, kezzapçylygyň ýa-da korrpusiýanyň öňüni almak üçin talabalaýyk çäreleri görýär. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş BMGÖM tarapyndan ýa-da onuň üsti bilen alnan ähli maliýe serişdeler babatynda maliýe dolandyryşyň,

korrupsiýa we kezzapçylyk bilen göreşmegiň syýasatynyň bolmagyny we onuň berjaý edilmegini üpjün edýär.

10. Taslamanyň resminamasy gol çekilen pursatynda güýje giren aşakdaky resminamalaryň talaplary Ýerine ýetiriji hyzmatdaş babatynda ulanylýarlar: a) Kezzapçylyk we korrupsuýa tejribesiniň beýleki görnüşleri babatynda BMGÖM çäreleri we b) BMGÖM Audit we derňewler boýunça ofisi we Derňewler boýunça gollanma. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş Taslamanyň şu resminamasynyň aýrylmaz bölegi bolup duryan we Internet torunda www.undp.org. salgyda elýeterli bolan, ýokarda görkezilen resminamalaryň talaplary bilen ylalaşýar.

11. Derňew geçirmek zerurlyk bolan ýagdaýynda BMGÖM, BMGÖM-nyň düzgünnamalaryna, düzgünlerine we amallaryna laýyklykda BMGÖM-nyň taslamalarynyň we maksatnamalarynyň islendik nukdaýnazaryna degişli degişli derňewleri geçirmäge borçlanýar. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş doly derejede hyzmatdaşlyk edýär, şol sanda derňewi geçirmek üçin talap edilip bilinjek, işgärleri, degişli resminamalary we şeýle maksatlar üçin akylly-başly möhletlerde we akylly-başly şertlerde Ýerine ýetiriji hyzmatdaşyň (we onuň hünärmenlernyň, jogapkärçilik çekýän taraplaryň, kömekçi potratçylaryň we kömekçi resepiýentleriň) jaýlaryna ygtyýarlygy hödürleýär. Şu borçnamany ýerine ýetirmekde çäklendirmeler bolan ýagdaýynda, BMGÖM meseläniň çözgüdini gözlemek üçin Ýerine ýetiriji hyzmatdaş bilen maslahatlary geçirýär.

12. Taslamanyň şu Resminamasyna gol çeken taraplar gizlinligiň talabalaýyk berjaý edilmegi bilen serişdeleriň talabalaýyk ulanylmazlygynyň islendik ýagdaýlary, ýa-da kezzapçylyk ýa-da korrupsiýa barada ynama mynasyp bolan habarlar barada dessine habar berýärler.

    Eger-de Ýerine ýetiriji hyzmatdaşa BMGÖM taslamasy ýa-da işi dolulygyna ýa-da bölekleýin çaklanylýan kezzapçylyk / korrupsiýa babatynda derňewiň närsesi bolup duryan bolsa, Ýerine ýetiriji hyzmatdaş bu barada BMGÖM Hemişelik wekiline / Ofisiň ýolbaşçysyna habar bermeli, olar hem öz gezeginde, BMGÖM Audit we derňewler boýunça ofisine (ADO) dessin habar bermeli. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş ýurtda we ADO BMGÖM wekilçilginiň başlygyna derňewiň ýagdaýy we onuň bilen baglanyşykly hereketler barada yzygiderli habar bermeli.

13. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş, bu ulanylyp bilinjek halatynda, BMGÖM-nyň şu Taslama resminamasynda görkezilen işler üçin niýetlenen serişdelerinden doly ýa-da bölekleýin maliýeleşdirýän hemaýatkärleri (şol sanda Hökümet) BMGÖM-nyň kesgitlemegine görä bellenen maksatlar üçin peýdlanylmadyk, şol sanda galplyk ýa-da korrupsiýa arkaly, ýa-da şu Taslama resminamasynyň düzgünlerine we şertlerine laýyk gelmeýän tertipde tölenen haýsy-da bolsa serişdeleriň öwezini dolmak barada Ýerine ýetiriji hyzmatdaşa ýüz tutup biljekdigi bilen ylalaşýar.

    BMGÖM bu serişdeleriň öwezini almadyk ýagdaýynda, Ýerine ýetiriji hyzmatdaş BMGÖM-nyň şu Taslama resminamasynda görkezilen işler üçin niýetlenen serişdelerinden doly ýa-da bölekleýin maliýeleşdirýän hemaýatkärleri (şol sanda Hökümet) BMGÖM-nyň kesgitlemegine görä bellenen maksatlar üçin peýdlanylmadyk, şol sanda galplyk ýa-da korrupsiýa arkaly, ýa-da şu Taslama resminamasynyň düzgünlerine we şertlerine laýyk gelmeýän tertipde tölenen haýsy-da bolsa serişdeleriň öwezini dolmak barada Ýerine ýetiriji hyzmatdaşa ýüz tutup biljekdigi bilen ylalaşýar.

Bellik: Şu düzgünde ulanylýan "Taslama resminamasy" adalgasy Taslama resminamasy hakynda baglaşylan ähli indiki şertnamalary, şol sanda jogapkär taraplar, kömekçi potratçylar we kömekçi alyjylar bilen baglaşylan şertnamalary öz içine alýar.

14. Şu Taslama resminamasy bilen baglanyşykly Ýerine ýetiriji hyzmatdaş tarapyndan resmileşdirilen ähli şertnamalarda saýlamak bilen baglanyşykly ýa-da şertnama ýerine ýetirilende teklipde görkezilenlerden başga töleglerіň, sylaglaryň, öwezlik töleglerіniň, arzanladyşlaryň, sowgatlaryň, komissiýalaryň ýa-da beýleki töleglerіň berilmändigi, alynmandygy ýa-da hödürlenmändigi, şeýle hem Ýerine ýetiriji hyzmatdaşdan serişdeleri alyjy töleg edilenden soň her bir derňewçi we barlagçy bilen hyzmatdaşlyk etmäge borçlanýandygy bellenmelidir.

15. BMGÖM degişli milli edaralara taslama bilen baglanyşykly bikanun hereketler babatynda işiň gozgalmagy barada ýüz tutan halatynda, hökümet edaralary milli edaralaryň bikanun hereketlere gatnaşandygy ýüze çykarylan her bir adama garşy derňew işiniň geçirilmegine we kazyýet işiniň gozgalmagyna işjeň gatnaşmagyny, zyýanyň öweziniň doldurylmagyny we bu adamlaryň tarapyndan BMGÖM-dan alnan serişdeleriň doly yzyna gaýtarylmagyny üpjün etmäge borçlanýar.

16. Ýerine ýetiriji hyzmatdaş şu bölümde görkezilen "Töwekgelçilikleri dolandyrmak" diýlip atlandyrylýan ähli şertleriň her bir jogapkär tarapa, kömekçi potratça we kömekçi alyja berilmegini we bu bölümiň "Töwekgelçilikleri dolandyrmagyň adaty düzgünleri" diýlip atlandyrylýan hemme düzgünleriň ähli kömekçi şertnamalara ýa-da şu Taslama resminamasy bilen baglanyşykly geljekde baglaşyljak kömekçi ylalaşyklara, *mutatis mutandis*, girizilmegini öz üstüne alýar.

XI. AÝRATYN DÜZGÜNLER

Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy (TDGG), Türkmenistanyň Hökümeti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň bilelikde maliýeleşdirmek barada Ylalaşygynyň düzgünlerine laýyklykda şu taslamany amala aşyrmak üçin 3,760,736.28 (üç million ýedi ýüz altmyş müň ýedi ýüz otuz alty dollar we ýigrimi sekiz sent) ABŞ-nyň dollaryny gatanç hökmünde töläp, bu pul serişdeleri BMGÖM-nyň görkezilen hasaplaryna şunuň ýaly geçiriler. BMGÖM bilen ÝUNKTAD arasynda baglaşyljak BMG-nyň agentlikleriniň arasyndaky ylalaşyga laýyklykda BMGÖM 2,391,120.00 (iki million üç ýüz togsan bir müň bir ýüz ýigrimi ABŞ-nyň dollary) ÝUNKTAD-nyň hasabyna geçirer, şol sanda 8% mukdarda ÝUNKTAD tarapyndan şu taslamanyň çäklerinde Türkmenistanyň hökümetine ediljek tehniki kömek üçin töleg hökmünde ÝUNKTAD-nyň umumy dolandyryş goldaw harajatlary. ÝUNKTAD şeýle tölegleri almak boýunça amallary başlaýar we dowam etdirýär.

a. TDGG, aşakdaky töleg tertipnamasyna laýyklykda, 376,073.63 $ (üç ýüz ýetmiş alty müň ýetmiş üç ABŞ-nyň dollary we altmyş üç senti) möçberindäki puluň manatdaky barabar mukdaryny Türkmen-türk täjirçilik bankyna, 23203934273168502583000 hasaplaşyk hasabyna geçirer.

Tölegiň senesi	Mukdary
i. 20.01.2021	150,429.45 ABŞ-nyň dollary
ii. 20.01.2022	112,822.09 ABŞ-nyň dollary
iii. 20.01.2023	112,822.09 ABŞ-nyň dollary

b. TDGG, aşakdaky töleg tertipnamasyna laýyklykda, 3,384,662.65 $ (üç million üç ýüz segsen dört müň alty ýüz altmyş iki ABŞ-nyň dollary, altmyş bäş senti) möçberindäki puluň dollardaky barabar mukdaryny şu banka geçirer: Citibank NA, 111 Wallstreet New York, NY 10043, hasap belgisi 36349562 we jikme-jiklikler: SWIFT № CITIUS33, ABA № 021000089.

Tölegiň senesi	Mukdary
iv. 20.01.2021	1,353,865.07 ABŞ-nyň dollary
v. 20.01.2022	1,015, 398.79 ABŞ-nyň dollary
vi. 20.01.2023	1,015, 398.79 ABŞ-nyň dollary

c. Bu mukdar, töleg ABŞ-nyň dollaryndan başga walýutada edilen bolsa, tölegiň geçirilen senesinde hereket edýän Birleşen Milletler Guramasynyň hümmetini[2] ulanmak arkaly kesgitlenmeli. BMGÖM tarapyndan serişdeler doly özleşdirilene çenli BMG-nyň walýuta hümmeti üýtgese, galan serişdeleriň gymmaty şoňa görä düzediler. Şeýle ýagdaýda galan serişdeleriň balansyndaky ýitgiler kesgitlenende, BMGÖM goşmaça maliýeleşdirmegiň mümkinçiligi barada hökümete habar berýär. Goşmaça maliýeleşdirmegiň mümkin bolmadyk

[2] BMG-nyň Türkmenistan boýunça walýuta hümmeti Türkmenistanyň Merkezi bankynyň resmi çalşyk hümmeti esasynda kesgitlenýär.

ýagdaýynda bu taslama üçin berilýän kömek BMGÖM tarapyndan azaldylyp, yza süýşürilip ýa-da ýatyrylyp bilner.

d. Ýokardaky töleg tertipnamasy, tölegleriň meýilnamalaşdyrylan çärelerden öň amala aşyrylmalydygy baradaky talaby göz öňünde tutmagyň esasynda taýýarlandy. Taslamanyň gidişine laýyklykda bu tertipnama üýtgetmeler girizilip bilner.

e. BMGÖM, Taslamanyň maksatlaryny amala aşyrmaga gönükdirilen Gatanjy BMGÖM-nyň hereket edýän düzgünlerine, kadalaryna, syýasatlaryna, proseduralaryna we görkezmelerine laýyklykda, hususan-da BMGÖM-nyň Ýerine ýetiriji Geňeşi tarapyndan çykarylan maliýe kadalaryna laýyklykda alýar, dolandyrýar we ulanýar.

2. Bilelikde maliýeleşdirmek barasyndaky Ylalaşyga laýyklykda BMGÖM çäreleri geçirmek we taslamanyň maliýe serişdelerini ulanmak hakyndaky hasabaty Türkmenistanyň döwlet gümrük gullugyna tabşyrmaga borçlanýar. Ähli maliýe hasaplary we hasabatlary ABŞ Dollarynda görkezilmeli.
3. Eger çykdajylaryň ýa-da borçnamalaryň göz öňüne tutulmadyk artmagy garaşylan ýa-da artan (ýa-da hümmetsizlenme, walýuta kursy durnuksyz ýa-da garaşylmadyk ýagdaýlar bolanda) ýagdaýynda, onda BMGÖM geljekde zerur boljak maliýeleşdiriş işlerini görkezýän çykdajylaryň goşmaça smetasyny hökümete öz wagtynda tabşyrýar. Hökümet goşmaça zerur serişdeleri almak üçin mümkin bolan ähli çäreleri görmeli.
4. Tölegiň jemleýji balans hasabatyndan soň, harçlanman galan ähli serişdeler Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy bilen baglaşylan ylalaşyk boýunça goşmaça hyzmatlary we (ýa-da) enjamlary satyn almak üçin ulanylar.
5. Eger taslamanyň durmuşa geçirilýän wagtyndaky töleg grafigine we goşmaça möhlete laýyklykda berilmedik ýokarda agzalan tölegler Hökümet ýa-da beýleki çeşmeler tarapyndan gelmeýän bolsa, onda BMGÖM taslamanyň bu resminamasynyň çägindäki taslama üçin berilýän kömegini kemeldip, wagtlaýyn saklap ýa-da kesip biler.
6. Tölege degişli ähli göterimlerden gelen düşewüntler BMGÖM-nyň hasabyna geçirilmeli we BMGÖM-nyň bellenen amallaryna laýyklykda ulanylmaly.
7. Tölege aşakdaky çykdajylar hökman degişli bolmaly:
   (a) BMGÖM-nyň ştab-kwartirasynyň we ýurt edarasynyň umumy dolandyryş goldawyny bermek bilen bagly gytaklaýyn çykdajylaryň 7%-iniň öwezini dolmak;
   (b) BMGÖM-nyň goldawyny amala aşyrmak boýunça hyzmatlar üçin gönümel çykdajylar.
8. Enjamlar eltilýänçä we gurnalýança, tölegiň serişdeleriniň hasabyna maliýeleşdirilen enjamlara, materiallara we beýleki emläklere bolan eýeçilik hukugy BMGÖM-na degişli. Enjamlar gurnalandan soň, BMGÖM-nyň düzgünlerine we amallaryna laýyklykda tölegiň serişdeleriniň hasabyna edinilen enjamlara bolan eýeçilik hukugy BMGÖM-dan Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugyna berler.

GOŞUNDY I

ÝUNKTAD ASYCUDA-nyň INTELEKTUAL EÝEÇILIGE HUKUKLARY

1. ASYCUDA programma üpjünçiligi we oňa degişli bolan resminamalar we okuw serişdeleri ÝUNKTAD-yň intellektual eýeçiligidir.
2. "Awtomatlaşdyrylan gümrük maglumatlary ulgamy", "ASYCUDA", "SIDONIA" ulgamy atlary, olaryň logotipleri we söwda nyşanlary, ASYCUDA programma üpjünçiligi, şol sanda ulgam täzelenmeleri, okuw serişdeleri we ASYCUDA resminamalary ÝUNKTAD-yň awtorlyk hukuklarydyr.
3. ÝUNKTAD Türkmenistanyň hökümetine ASYCUDA programma üpjünçiligini we degişli resminamalary we okuw serişdeleriny diňe taslamanyň çäginde ulanmagyň başga birine berilmeýän, sublisenziýa edilmeýän, muzdsuz we möhletsiz hukugyny berýär we taslama resminamasynda görkezilen goşmaça hyzmatlary hödürleýär.
4. Türkmenistanyň hökümetiniň we onuň gümrük dolandyryş edarasynyň ASYCUDA programma üpjünçiligini we degişli resminamalary we okuw serişdeleriny öz milli çäklerinde ulanmaga haklary bardyr.
5. Bu ygtyýarnama laýyklykda berlen hukuklar diňe ygtyýarnamanyň eýesine degişlidir we ÝUNKTAD-yň deslapky ýazmaça razyçylygy bolmazdan başga bir edara, korporasiýa, gurama ýa-da şahsa degişli bolup bilmez. Ygtyýarnamanyň eýesi ÝUNKTAD-yň şu şertnama boýunça beren ygtyýarnamasyny başga birine sublisenziýa etmeli däl, bermeli däl, ýa-da başga ýol bilen geçirmeli däldir.
6. Türkmenistanyň Hökümeti we we onuň gümrük dolandyryş edarasy ÝUNKTAD tarapyndan işlenip düzülen ASYCUDA programma üpjünçiliginiň, degişli resminamalaryň we okuw serişdelerinyň, şol sanda täzelenmeleriň ÝUNKTAD-yň emlägidigini we oňa bolan ähli hukuklaryň, şol sanda awtorlyk hukugynyň ÝUNKTAD-a degişlidigini kabul edýär. Şu resminamada aç-açan görkezilmeýän, şu Ylalaşyga laýyklykda ygtyýarnama berlen ASYCUDA programma üpjünçiligine, degişli resminamalaryna we okuw serişdelerina bolan islendik hukuklar ÝUNKTAD-a saklanyp galýar.
7. Türkmenistanyň hökümeti we onuň gümrük dolandyryş edarasy ASYCUDA programma üpjünçiligi ulgamyna üýtgeşmeler girizmäge we oňa esaslanan eserleri döretmäge hukuklydyr. Şeýle emele getirilen eserler Türkmenistanyň hökümetiniň we onuň gümrük dolandyryş edarasynyň intellektual eýeçiligi bolmagynda galýar. ÝUNKTAD we Türkmenistanyň hökümeti beýleki ASYCUDA ulanyjy ýurtlary üçin gyzykly bolup biljek derejede Türkmenistanyň hökümetiniň we gyzyklanýan ASYCUDA ulanyjy ýurtlarynyň umumy bähbidine höweslendiriş we / ýa-da paýlamak mehanizmlerine seredýärler we olary öwrenýärler.
8. Türkmenistanyň Hökümeti we onuň gümrük dolandyryş edarasy ÝUNKTAD-yň awtorlyk hukuklary baradaky islendik habarnamasyny ýa-da eýeçilik hukuklary baradaky beýleki islendik habarnamasyny gaýtalaýar we girizýär, sebäbi bu habarnama Türkmenistanyň hökümetiniň we gümrük dolandyryş edarasynyň ÝUNKTAD-an alan ASYCUDA programma üpjünçiliginde, degişli resminamalarynda we okuw serişdelerinda, bu taslama laýyklykda taýýarlanan ýa-da ulanylýan ASYCUDA programma üpjünçiliginiň ähli nusgalarynda we degişli ähli resminamalarynda we okuw serişdelerinda bolup biler.
9. Türkmenistanyň hökümeti we onuň gümrük dolandyryş edarasy, tarap haýsydyr bir fiziki ýa-da kanuny şahsyň ASYCUDA programma üpjünçiliginiň bir elementine birugsat eýeçilik edýändigi, ony ulanýandygy ýa-da aýan edýändigi baradaky maglumaty alan ýagdaýynda ÝUNKTAD-a derrew habar bermäge we soňra eýeçilik hukuklaryny goramakda ÝUNKTAD bilen hyzmatdaşlyk etmäge razy bolýar.
10. ÝUNKTAD, taslama resminamasynyň we goşundysynyň / goşundylarynyň düzgünlerine laýyklykda ÝUNKTAD tarapyndan hödürlenýän hyzmatlardan we goldawdan daşgary, ASYCUDA programma üpjünçilik ulgamyny "bolşy ýaly" berýär.
11. Türkmenistanyň hökümeti we we onuň gümrük dolandyryş edarasy, ÝUNKTAD bu goşundydan, ýa-da onuň bozulmagyndan, ýatyrylmagyndan ýa-da güýjüni ýitirmeginden gelip çykýan islendik

jedeli, gapma-garşylyklary ýa-da şikaýatlary parahatçylykly ýol bilen çözmek üçin ähli tagallalary ederler.

12. Türkmenistanyň hökümeti we ÝUNKTAD şu Ylalaşykdan ýa-da onuň bozulmagyndan, ýatyrylmagyndan ýa-da güýjüni ýitirmeginden gelip çykýan islendik jedeli, gapma-garşylygy ýa-da şikaýatlary parahatçylykly ýol bilen çözmek üçin ähli tagallalary ederler. Eger Türkmenistanyň hökümeti bilen ÝUNKTAD-yň arasynda şu Ylalaşykdan ýa-da onuň bozulmagyndan, ýatyrylmagyndan ýa-da güýjüni ýitirmeginden gelip çykan haýsydyr bir jedel, gapma-garşylyk ýa-da şikaýatlar parahatçylykly ýol bilen çözülmese, onda islendik tarap olary şu maddanyň (i) bendine laýyklykda bir tarapyň beýleki tarapdan şeýle ýagdaýy parahatçylykly ýol bilen çözmek baradaky ýüz tutmasyny alandan soň altmyş (60) günüň dowamynda şol wagt üçin kabul edilýän UNCITRAL Arbitraž Düzgünlerine laýyklykda arbitraža geçirýär. Arbitraž kazyýetiniň kararlary halkara täjirçilik hukugynyň umumy ýörelgelerine esaslanýar. Arbitraž kazyýeti, harytlary ýa-da islendik maddy ýa-da maddy däl emlägi, ýa-da şu Ylalaşyga laýyklykda berlen islendik gizlin maglumatlary yzyna gaýtarmak ýa-da ýok etmek barada karar çykarmaga ygtyýarlydyr, şu Ylalaşygy ýatyrmak ýa-da harytlar, hyzmatlar, islendik maddy-maddy däl emläk bilen, şu Ylalaşyga laýyklykda berlen islendik gizlin maglumatlar bilen baglanyşykda, ýagdaýa görä, UNCITRAL Arbitraž Düzgünleriniň 26-njy maddasy ("üpjün ediji çäreler") we 34-nji maddasy ("arbitraž kararynyň görnüşi we täsiri") boýunça arbitraž kazyýetiniň ygtyýarlyklaryna laýyklykda başga gorag çärelerini görmäge ygtyýarlydyr. Arbitraž kazyýetiniň jerime töletmek hökümini çykarmaga ygtyýary ýokdyr. Mundan başga-da, eger şu Ylalaşykda başgaça göz öňünde tutulmadyk bolsa, Kazyýetiň şol döwürde hereket edýän London banklarara teklip edilýän nyrhyndan ("LIBOR") artykmaç göterim hökümini çykarmak hukugy ýokdyr we islendik şeýle göterimler diňe ýönekeý göterimlerdir. Birleşen Milletler Guramasynyň artykmaçlyklary we eldegrilmesizligi nazara alnyp, arbitraž ýerine salgylanmak kazyýetiň höküm çykaryjy ýerini däl-de, diňe fiziki ýerini aňladýandygy şerti bilen, arbitraž işine garamaklyk Şweýsariýanyň Ženewa şäherinde geçiriler. Taraplar islendik şeýle jedeliň, gapma-garşylygyň ýa-da şikaýatlaryň gutarnykly çözülmegi hökmünde şeýle arbitražyň netijesinde çykarylan islendik karara tabyn bolarlar.

13. Bu goşundydaky ýa-da onuň bilen baglanyşykdaky hiç bir zat, Birleşen Milletler Guramasynyň, şol sanda onuň kömekçi edaralarynyň artykmaçlyklaryndan we eldegrilmesizliginden boýun gaçyrmak diýlip hasap edilmeýär.

14. Eger taslama resminamasynyň haýsydyr bir düzgüni nädogry, bikanun ýa-da kanuny güýje eýe däl diýlip hasap edilse, bu goşundynyň ýerine ýetirilmeginiň hukuk güýji, kanunylygy we mümkinçiligi bozulyp bilinmez.

15. Intellektual eýeçilik hukugy babatynda ASYCUDA-nyň kadalaryna we düzgünlerine goşundysynyň güýje giryän senesi taslama resminamasyna gol çekilen senedir. Bu kadalar we düzgünler taslama resminamasy ýatyrylandan soň hem güýjini saklaýar we möhlet taýdan çäklendirilmeýär.

** Diňe ÝUNKTAD-nyň netijelerine degişlidir*

GOŞUNDY II

BIRLEŞEN MILLETLER GURAMASYNYŇ SÖWDA WE ÖSÜŞ BOÝUNÇA KONFERENSIÝASYNYŇ, TEHNIKI HYZMATDAŞLYGYŇ ÝÖRITE MAKSATLY GAZNALARYNY DOLANDYRMAK ÜÇIN ULANYLYP BOLJAK KADALARY WE AMALLARY

1. Töleýji taslama resminamasynda görkezilen pul mukdaryny ÝUNKTAD-yň ygtyýaryna berýär, ÝUNKTAD bolsa bu serişdeleri taslama resminamasynyň düzgünlerine laýyklykda ulanýar;
2. Töleýji ýokarda agzalyp geçilen serişdeleri çäklendirilmedik ulanylyşly, konwertirlenýän walýutalarda ÝUNKTAD tarapyndan görkezilen hasaba deponirleýär;
3. ÝUNKTAD, Birleşen Milletler Guramasynyň maliýe düzgünlerine we kadalaryna laýyklykda, ýokarda agzalan serişdeleri almak we dolandyrmak üçin ýörite maksatly gaznany döredýär;
4. Ýörite maksatly gaznany we ondan maliýeleşdirilýän işleri dolandyrmak ÝUNKTAD tarapyndan Birleşen Milletler Guramasynyň degişli düzgünlerine, kadalaryna we görkezmelerine laýyklykda amala aşyrylýar. Şoňa laýyklykda işgärler çekilýär we dolandyrylýar; enjamlar, materiallar we hyzmatlar satyn alynýar; taslama resminamalary kadalara we görkezmelere laýyklykda taýýarlanýar;
5. Ähli maliýe hasaplary we Hasabatlary ABŞ-nyň dollarynda görkezilmelidir;
6. Ýörite maksatly gazna, taslama çäklerinde işler amala aşyrylanda ÝUNKTAD tarapyndan çekilen çykdajylaryň hasabyna maliýeleşdirilýär;
7. Ýörite maksatly gazna, ýörite maksatly gaznanyň hasaby boýunça edilen ähli göni çykdajylaryň sekiz (8) göterimini hem ödär. Bu ýygym Ýörite maksatly gaznanyň çäklerinde maliýeleşdirilýän taslama(lar)y durmuşa geçirmek üçin ÝUNKTAD tarapyndan üpjün edilýän programmalara kömekçi hyzmat ediş çykdajylaryny ödemek üçin ulanylýar;
8. ÝUNKTAD tarapyndan işe alnan we gatnaşmaklary ýörite maksatly gazna tarapyndan maliýeleşdirilýän şahslaryň hyzmatlary bermek zerarly ýüze çykan ölüm, şikes ýa-da kesel bilen baglanyşykly islendik talaplaryny ödemek üçin ätiýaçlyk gaznasyny üpjün etmek maksady bilen, haklarynyň ýa-da sap aýlyklarynyň bir (1) göterimine barabar möçberde pul hem ýörite maksatly gaznadan alnar, Birleşen Milletler Guramasynyň ulanylýan düzgünlerine ýa-da taslama resminamalaryna laýyklykda bu ätiýaçlyklar donora gaýtarylyp berilmeýär.
9. ÝUNKTAD gatançlary almak amallaryny taslama resminamasynda görkezilen düzgünlere laýyklykda başlaýar we dowam etdirýär;
10. ÝUNKTAD taslama resminamasyndaky çykdajylary ödemek üçin görkezilen mukdardan artyk hiç hili borçnama almaz;
11. Garaşylmadyk çykdajylar ýüze çykan halatynda ÝUNKTAD donor(lar)a zerur bolan goşmaça serişdeleri görkezýän goşmaça býujet berer. Şeýle goşmaça maliýeleşdirme bolmadyk ýagdaýynda taslama(lar)a berilýän kömek ÝUNKTAD tarapyndan azaldylyp bilner ýa-da zerur bolan halatynda ýatyrylyp bilner. ÝUNKTAD hiç bir ýagdaýda ýörite maksatly gaznada göz öňünde tutulan serişdelerden artykmaç hiç hili borçnamany kabul etmez;
12. Bu ýörite maksatly gaznadan maliýeleşdirilýän enjamlara, esbaplara we beýleki emläklere bolan eýeçilik hukugy Birleşen Milletler Guramasyna degişlidir. Taslama ýatyrylan ýa-da onuň möhleti gutaran halatynda eýeçilik hukugy baradaky mesele taslama resminamasynyň düzgünlerine laýyklykda anyklanýar ýa-da, taslama resminamasynda şeýle düzgünler ýok bolsa, bu mesele donor(lar), hökümet we ÝUNKTAD arasynda maslahatlaşmak arkaly çözülýär;
13. Bu ýörite maksatly gaznadan maliýeleşdirilýän işlere baha bermek, şol sanda ÝUNKTAD-yň, donorlaryň we alyjylaryň bilelikdäki baha bermekleri, taslama resminamasynyň düzgünlerine laýyklykda amala aşyrylýar;

14. Ýörite maksatly gazna, Birleşen Milletler Guramasynyň maliýe düzgünlerinde, kadalarynda we görkezmelerinde beýan edilen aýratyn içerki we daşarky gözegçilik amallaryna tabyndyr.
15. ÝUNKTAD donor(lar)a Birleşen Milletler Guramasynyň hasaba almak we hasabat amallaryna laýyklykda taýýarlanan aşakdaky beýannamalary we hasabatlary iberýär:
- Donor(lar)yň berýän serişdelerine degişlilikde her ýylyň 31-nji dekabryna çenli ýagdaý üçin girdejileri, çykdajylary görkezýän ýyllyk maliýe hasabatyny;
- Taslama ýatyrylan ýa-da onuň möhleti gutaran senesinden soň alty aýyň dowamynda jemleýji maliýe hasabatyny.
16. ÝUNKTAD haçan-da ýörite maksatly gaznanyň döredilmegine sebäp bolan maksatlara, onuň pikiriçe, ýetilende, donor(lar)a habar berýär. Şeýle habarnamanyň çykarylýan senesi diýlip, taslamada görkezilen maksatlar üçin 18-nji maddanyň güýjüniň saklanmagy şerti bilen, taslama boýunça işiň gutarýan senesi hasaplanýar;
17. Taslamada görkezilen maksatlar üçin 18-nji maddanyň güýjüniň saklanmagy şerti bilen, islendik tarap beýleki tarapy 30 günüň dowamynda ýazmaça habar edip, taslamany ýatyryp biler;
18. Ýokardaky 16-njy we 17-nji maddalara laýyklykda taslama ýatyrylandan soň ýa-da onuň möhleti gutarandan soň, ÝUNKTAD ähli çykdajylar, şol sanda borçnamalar bu serişdeleriň hasabyna ýerine ýetirilýänçä, bu serişdeleri saklamagy dowam etdirer. Soňra, donor(lar) bilen ÝUNKTAD-yň arasyndaky maslahatdan soň ol(ar) başga iş görnüşlerine girişmese, ýörite maksatly gaznada galan artykmaç serişdeler donor(lar)a gaýtarylýar.

GOŞUNDY III

BMGÖM BILEN HÖKÜMETIŇ ARASYNDA KÖMEKÇI HYZMATLARY ETMEK BARADA ADATY HAT-YLALAŞYK

Hormatly jenap Maksat Hudaýkulyýew,

1. Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň wezipeli işgärleri (mundan beýläk "Hökümet" diýlip atlandyrylýar) bilen BMGÖM wezipeli işgärleriniň arasynda milli taýdan dolandyrylýan maksatnamalar we taslamalar üçin BMGÖM ýurt wekilhanasy tarapyndan goldaw hyzmatlaryny etmek boýunça mesele baradaky maslahatlara salgylanýarys. BMGÖM we Hökümet BMGÖM wekilhanasy aşakda görkezilişi ýaly degişli maksatnama goldaw bermek boýunça resminamada ýa-da taslama resminamasynda bellenen edarasynyň üsti bilen hökümetiň soramagy esasynda şeýle kömekçi goldaw hyzmatlaryny berip biljekdigi barada ylalaşýarlar.

2. BMGÖM wekilhanasy hasabat talaplary we göni tölegler boýunça kömek etmek üçin goldaw hyzmatlaryny edip biler. Şeýle kömekçi hyzmatlaryny etmekde BMGÖM ýurt wekilhanasy hökümet tarapyndan bellenen edaranyň, ol degişli işi gönüden-göni ýerine ýetirip bilmegi üçin, mümkinçilikleriniň güýçlendirilmegini üpjün etmeli. BMGÖM wekilhanasynyň şeýle kömekçi hyzmatlary üçin eden çykdajylary edaranyň administratiw büjetinden tölenmäge degişli edilýär.

3. BMGÖM ýurtdaky wekilhanasy, bellenen edaranyň soramagy esasynda maksatnama/taslama işleri üçin aşakdaky goldaw hyzmatlaryny edip biler:

(a) Taslama üçin işgärleri kesgitlemek we/ýa-da hakyna tutmak;

(b) Taslama gatnaşýan işgärleri dolandyrmak (aýlyk haklary, bank dolandyrylyşy, uzaltmalar, hukuklary bermek we ş.m.)

(c) Üpjün edijilere we taslama gatnaşýan işgärlere tölegler

(d) F10 hasabaty ýola goýmak

(e) Okuwlary geçirmekde kesgitlemek we ýardam etmek hyzmatlary

(f) Harytlary we hyzmatlary satyn almak;

4. BMGÖM ýurt wekilhanasy tarapyndan harytlary we hyzmatlary satyn almak we taslama we maksatnama üçin işgärleri hakyna tutmak BMGÖM-nyň düzgünlerine, syýasatlaryna we tertiplerine laýyklykda amala aşyrylmalydyr. Ýokardaky 3-nji bentde beýan edilen kömekçi hyzmatlary şu Resminamanyň goşundysynda görkezilen görnüşde maksatnama goldaw bermek boýunça resminamanyň goşundysynda ýa-da taslama resminamasynda doly görkezilmelidir. Taslama ýa-da maksatnama amala aşyrylýan döwrüniň dowamynda ýurt wekilhanasy tarapyndan hyzmatlary etmek üçin talaplar üýtgän ýagdaýynda, maksatnama goldaw bermek boýunça resminamanyň ýa-da taslama resminamasynyň goşundysyna BMGÖM hemişelik wekili bilen bellenen edaranyň özara ylalaşygy esasynda täzeden serediler.

5. 1993-nji ýylyň 05-nji oktýabrynda gol çekilen Türkmenistan hökümeti bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Ösüş Maksatnamasynyň arasyndaky Goldaw bermek baradaky Standart esasy şertnamasynyň ("SEŞ-SBAA") degişli düzgünleri, şol sanda jogapkärçilik, artykmaçlyklar we eldegrilmesizlik hakyndaky düzgünleri, şeýle hyzmatlary bermek baradaky düzgüne ulanylýar. Hökümetde, özüniň bellän edarasynyň üsti bilen milli dolandyrylýan maksatnama ýa-da taslama üçin umumy jogapkärçilik galýar. BMGÖM-nyň ýurt edarasynyň bu resminamada beýan edilen goldaw hyzmatlaryny bermekdäki jogapkärçiligi, maksatnamanyň goldaw resminamasynyň ýa-da taslama resminamasynyň goşundysynda görkezilen goldaw hyzmatlaryny bermek bilen çäklenmeli.

6. BMGÖM-nyň ýurt edarasy tarapyndan şu hata laýyklykda goldaw hyzmatlaryny bermek bilen baglanyşykly ýüze çykýan şikaýatlar ýa-da jedeller SEŞ-nyň degişli düzgünlerine laýyklykda çözülmelidir.

7. Ýokardaky 3-nji bölümde beýan edilen goldaw hyzmatlaryny bermek üçin BMGÖM-nyň ýurt edarasynyň çykdajylarynyň öwezini dolmagyň görnüşi we usuly maksatnamanyň goldaw resminamasynyň ýa-da taslama resminamasynyň goşundysynda görkezilmelidir.

8. BMGÖM-nyň ýurt edarasy goldaw hyzmatlary baradaky hasabatlary berer we zerur bolup biljek hyzmatlary bermekde tölenýän çykdajylar barada hasabat berer.

9. Bu şertnama islendik üýtgetme, bu resminamanyň taraplarynyň arasyndaky özara ýazmaça şertnama arkaly amala aşyrylýar.

10. Eger Siz ýokarda görkezilen şertler bilen razy bolsaňyz, goluňyzy çekmegiňizi we bu hatyň gol çekilen iki nusgasyny edaramyza gaýtaryp bermegiňizi haýyş edýäris. Siz tarapyndan gol çekilenden soň bu hat, milli dolandyrylýan maksatnamalar we taslamalar üçin BMGÖM-nyň ýurt edarasy tarapyndan goldaw hyzmatlaryny bermegiň möhletleri we şertleri boýunça hökümetiňiz bilen BMGÖM-nyň arasyndaky ylalaşyk bolar.

Çuňňur hormatlamak bilen,

_____

Türkmenistandaky BMGÖM adyndan gol çekildi
Hanym Natia Natswlishwili
Hemişelik wekiliň w.ý.ý.

_____

Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň adyndan
Jenap Maksat Hudaýgulyýew,
Başlyk
"____" _____ 2020 ý.

Goşundy

BMGÖM-NYŇ ÝURT EDARASYNYŇ GOŞMAÇA HYZMATLARYNYŇ BEÝANY

1. Milli dolandyrylýan "Eksport-import amallary üçin bir penjire" taslamasy, ýagny "Taslama" üçin BMGÖM-nyň Ýurt edarasy tarapyndan goldaw hyzmatlaryny bermek meselesi boýunça BMGÖM-nyň Türkmenistandaky edarasy, Türkmenistanyň hökümeti tarapyndan bellenen edara we BMGÖM-nyň resmi işgärleri arasyndaky maslahatlaşyklara salgylanylýar.

2. _____ senesinde gol çekilen şertnama hatynyň we taslama resminamasynyň düzgünlerine laýyklykda BMGÖM-nyň ýurt bölümi Taslama üçin aşakdaky hyzmatlary berer.

3. Hödürlenýän goşmaça hyzmatlar:

Goşmaça hyzmatlar	Goşmaça hyzmatlary ýerine ýetirmegiň tertipnamasy	Iş/adam başyna goldaw hyzmatlaryny bermegiň BMGÖM-e bahasy, ABŞ-nyň dollarynda	Hyzmatlaryň möçberi	BMGÖM-nyň hyzmatlarynyň umumy jemi, ABŞ-nyň dollarynda
1.1 Işgär gorlary				
a) ZK-na syn we wezipeleriň synplandyrylmasy + döredиş	2020-2021	34.35	1	34.35
b) Mahabat / bildirişler	2020	116.98	1	116.98
ç) Gysgaça sanawy düzmek (uzyn sanawy goşmak bilen)	2020	233.95	1	233.95
d) Ýazmaça synagy düzmek we guramak	2020	91.40	1	91.40
e) Söhbetdeşlik	2020	233.95	1	233.95
f) Şertnamany bermek	2020	91.36	1	91.36
g) Işgärleri dolandyrmak boýunça döwürleýin hyzmatlar: işgärleriň aýlygy, bank dolandyryşy we ýolbaşçylyk (şertnamanyň hereket ediş möhletiniň dowamynda)	her ýyl	155.36	1	155.36
2. Maliýeleşdirmek				
a) Üpjün edijilere we işgärlere tölegler	Her çärýek ýyl, her ýyl	37.88	49	1,856.12
b) Diňe çekleri ýazyp bermek (Diňe "Atlas" agentlikleri üçin)	Zerurlyk boldugyça	16.65	28	466.20
c) Üpjün edijiniň soragnamasy(Diňe agentlikler üçin)	Iş meýilnamasyna laýyklykda	20.41	10	204.10
c) F10 formasyna laýyklykda iş sapary kömek pullaryny hasaplamak	Iş meýilnamasyna laýyklykda	22.62	4	90.48
3. Satyn alyşlar				
a) CAP-y çekmezden satyn alyşlar - 50,000 ABŞ-nyň dollaryndan az				
- Anyklamak we saýlamak	Iş meýilnamasyna laýyklykda	282.29	5	1,411.45
- Satyn alyş üçin sargydy taýýarlamak	Iş meýilnamasyna laýyklykda	52.64	5	263.20
b) CAP-y (we / ýa-da ITB, RFP, talaplary) çekmek bilen satyn alyş prosesi - 50,000 ABŞ-nyň dollaryndan köp	Iş meýilnamasyna laýyklykda			

- Anyklamak we saýlamak	Iş meýilnamasyna laýyklykda	489.45	5	2,447.25
- Satyn alyş üçin sargydy we şertnamany taýýarlamak	Iş meýilnamasyna laýyklykda	131.6	5	658.00
f) Emläginiň hasapdan çykarylmagy, CAP-y çekmek bilen	Taslama tamamlan pursatyna çenli	28.38	5	141.90
4 Administratiw goldaw				
c) Diplomatik ýükleriň gümrük resminamalarynyň taýýarlanyşy	Iş meýilnamasyna laýyklykda	332.1	4	1328.4
d) Wizany taýýarlamak (döwlet pajyndan başga)	Iş meýilnamasyna laýyklykda	268.89	4	1075.56
Jemi:				**10,900.00**

Goşmaça hyzmatlaryň umumy mukdary 10,900.00 ABŞ-nyň dollaryndan geçmez.

4. Gatnaşýan taraplaryň wezipeleriniň we borçnamalarynyň beýany:

Milli ýerine ýetiriji hyzmatdaş hökmünde Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy (TDGG) taslamanyň ýerine ýetirilişiniň ähli jähtlerine gözegçilik eder. TDGG, Türkmenistanyň gümrük ulgamynyň işini kadalaşdyrmakda döwlet syýasatyny durmuşa geçirýän, Türkmenistanyň gümrük meseleleri boýunça halkara borçnamalarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýän, şeýle hem kontrabanda we beýleki jenaýatlara, alyp barýan işiniň çäginde administratiw hukuk bozulmalaryna garşy göreşýän, ýerine ýetiriji häkimiýetiň merkezi edarasydyr. Diwanhana, TDGG-nyň ýanyndaky Okuw merkezi, welaýatlardaky hem-de welaýat hukuklary bolan şäherlerdäki gümrükler, olaryň gümrük postlary (mundan beýläk gümrük gullugynyň edaralary diýlip atlandyrylýar), hojalyk hasaplaşygyndaky edaralar we onuň beýleki guramalary hem Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugynyň düzümine girýärler. TDGG-iň mundan beýläk-de ösdürilmegi üçin esasy ileri tutulýan ugurlar şulardyr: i) milli gümrük kanunçylygy we kadalaşdyryjy namalary halkara hukugynyň esasy ýörelgelerine laýyklykda kämilleşdirmek; ii) gümrük edaralarynyň institusional gurluşyny kämilleşdirmek; (iii) Hususan-da häzirki zaman hemra aragatnaşyk ulgamyny ulanmak we elektron gümrükhanalary ornaşdyrmak arkaly Gümrük gullugynyň we onuň nokatlarynyň tehniki we amaly mümkinçiliklerini güýçlendirmek.

TDGG, Taslamanyň Milli Utgaşdyryjysy (TMU) hökmünde işletmek üçin uly işgärleriniň arasyndan adam bellär, ol taslama gözegçilik etmekde esasy jogapkär şahs bolar.

Taslamanyň umumy dolandyrylyşy TDGG, ÝUNKTAD we beýleki milli guramalary, şol sanda Pudakara iş toparyny, öz içine alýan Taslama Geňeşi tarapyndan amala aşyrylar,

Taslama Geňeşi beýleki guramalara agza bolmagy teklip edip biler; şol bir wagtda, sanaw taslamanyň başlanýan senesinden gijä galman gutarnykly düzülmeli we tassyklanmalydyr. Milli taslama utgaşdyryjysy, BMGÖM tarapyndan ähli ýygnaklary we beýleki maglumat alyşmak çäreleri guramakda we geçirmekde kömek edilip, Taslama Geňeşiniň başlygy hökmünde çykyş eder. Taslama Geňeşiniň mejlisleri indiki ýyl üçin ýyllyk iş meýilnamasyny tassyklamak üçin her ýylda azyndan bir gezek geçiriler. Goşmaça mejlisler zerurlyk boldugyça TMU tarapyndan guralyp bilner.

BMGÖM Taslama Geňeşi tarapyndan tassyklanan meýilnamalara laýyklykda TDGG-nyň taslamany dolandyrmak we hili kepillendirmek işlerine goşular. BMGÖM-nyň taslama boýunça alyp barýan işleriniň köpüsi hünärmeniň we beýleki ýokary derejeli maksatnama degişli işgärleriň, şol sanda Hemişelik wekiliň orunbasarynyň w.ý.ý., gözegçilik etmeginde Aşgabatdaky ýurt wekilhanasynda (ÝW) kepillige laýyklykda ýerine ýetiriler. BMGÖM, şeýle hem, taslama orta möhletli we ahyrky baha bermek işlerine potratçylary çeker. Taslama boýunça gündeki işler Taslama dolandyryjysynyň ýolbaşçylygynda üç sany doly işleýän işgärler tarapyndan amala aşyrylar. Taslama dolandyryjysy şu Taslama resminamasynda görkezilen taslama çärelerinin we Taslama Geňeşi tarapyndan tassyklanan her bir üýtgetmäniň amala aşyrylmagyna jogapkär bolar. Her taslama ýylynyň başlamazdan azyndan bir aý öň taslama dolandyryjysy Ýyllyk iş meýilnamalaryny taýýarlar. Bu meýilnamalar Taslama Geňeşi tarapyndan gözden geçirilip we tassyklanyp, soňra taslama gatnaşýan işgärler tarapyndan işi meýilleşdirmek, ýerine ýetirmek we onuň gidişini yzarlamak üçin gural hökmünde ulanylar. Mundan başga-da, taslama dolandyryjysy Taslama Geňeşiniň her ýygnagy üçin taslama işleri, şol sanda soňky ýetilen sepgitler, töwekgelçilikler we netijeleriň täsirini peseltmek

babatynda hödürlenýän çäreler, barada doly hasabat taýýarlar. Taslama dolandyryjysy BMGÖM we TDGG üçin ähli zerur ýyllyk hasabatlarynyň taýýarlanmagyna hem jogapkär bolar.

BMGÖM-nyň ýurtdaky wekilhanasy taslama dolandyryjysyna logistika we iş dolandyrylyşy goşmak bilen taslama boýunça administratiw işinde kömek eder. Mundan başga-da, ýurt wekilhanasy hökümete dürli anyk dolandyryş wezipeleri babatynda administratiw taýdan goldaw berer. Bu soňky wezipeler bilen baglanyşykly çykdajylar şu hat-şertnama laýyklykda Taslamanyň göni çykdajylary görnüşinde görkeziler.

GOŞUNDY IV

TASLAMA GEŇEŞINIŇ TEHNIKI TABŞYRYGY

Borçnamalar we jogapkärçilik:

Taslama geňeşi taslamany dolandyrýar we onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik edýär. Taslama geňeşiniň esasy wezipeleri şulardyr:

- Taslamanyň maksatlaryna we netijelerine ýetmek we olaryň milli ösüş maksatlaryna laýyk gelmegini üpjün etmek boýunça taslamanyň ýerine ýetirilişine umumy gözegçilik etmek;
- Taslama geňeşiniň ähli agzalarynyň işine strategiki ýolbaşçylyk etmek we olaryň işlerini utgaşdyrmak;
- Zerur maglumatlara elýeterliligi üpjün etmek;
- Taslamanyň durmuşa geçirilişiniň barşynda ýüze çykýan gapma-garşylyklary çözmek;
- Taslamanyň üstünlikli tamamlanmagyny üpjün etmek üçin hökümet we türkmen jemgyýeti bilen baglanyşyklykda institusional, hukuk we kadalaşdyryjy jähtlere goldaw bermek;
- Ýyllyk iş meýilnamalaryny we ýerine ýetirilen iş baradaky hasabatlary gözden geçirmek we tassyklamak;
- Taslamany dolandyrmagyň mehanizmlerini tassyklamak;
- Ýagdaýlaryň üýtgemegi sebäpli taslamanyň baş ýörelgesine girizilýän islendik üýtgetmeleri tassyklamak.

Düzümi

Esasy gyzyklanýan taraplaryň zerur derejede utgaşdyrylmagyny we gatnaşmagyny üpjün etmek üçin Taslama geňeşine BMGÖM, ÝUNKTAD we Türkmenistanyň Döwlet gümrük gullugy (TDGG) bilelikde başlyklyk ederler. TDGG, gümrük meselelerine jogapkär esasy döwlet edarasy hökmünde beýleki döwlet edaralarynyň öz ygtyýarlyklaryna laýyk gatnaşmagyny üpjün eder. Taslama geňeşine beýleki milli ýa-da sebit guramalarynyň wekilleri hem girip biler. Beýleki gatnaşyjylar Taslama geňeşiniň ýygnaklaryna geňeşiň karary bilen çagyrylyp bilner.

Taslama geňeşiniň işi bilen baglanyşykly serişdeler, hökümetiň ýa-da beýleki taslama hyzmatdaşlarynyň taslama natural görnüşde meýletin goşandy diýlip hasaplanýar we taslama tarapyndan aýratyn tölenmeýär. Taslama geňeşiniň agzalarynyň hem taslamanyň hünärmeni ýa-da geňeşçisi hökmünde ýerine ýetiren işleri üçin pul hakyny almaga hukuklary ýok.

Ýygnaklar

Taslama geňeşiniň wagtly-wagtynda, ýylda azyndan iki gezek ýa-da, zerur bolan halatynda, has ýygy-ýygydan ýygnak geçiriljegine garaşylýar. Taslama geňeşiniň ýygnagynyň deslapky gün tertibi ýyllyk iş meýilnamalarynyň bir bölegi hökmünde ylalaşylar we taslama geňeşiniň ähli wekilleri ýygnagyň ylalaşylan senesinden 14 gün öňünden ýazmaça habar edilmelidir. Ýygnak, Ýerine ýetiriji hyzmatdaş bolan BMGÖM-nyň we taslama geňeşiniň beýleki agzalarynyň azyndan 2/3 böleginiň gatnaşjakdyklaryny tassyklap bilmekleri şerti bilen guralar. Taslamanyň ýolbaşçysy, ýygnagyň gün tertibi bilen baglanyşykly ähli serişdeleri ýygnak başlamazdan 5 iş güni öňünden gijä galman ibermeli.